**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÝURDUMYZDA WE ONUŇ ÇÄKLERINDEN DAŞARDA GEÇIRILÝÄN SERGILER, FORUMLAR DÖWLETIMIZIŇ HÄZIRKI DÖWÜRDE GAZANÝAN ÜSTÜNLIKLERINI, MAÝA GOÝUM KUWWATYNY AÇYP GÖRKEZMEK ÜÇIN MEÝDANÇA BOLUP HYZMAT EDÝÄR.**

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
2-nji maý, 2025. Belgisi 18/1636



# ÝURDUMYZYŇ DÜNÝÄ BAZARYNDAKY ORNY BARHA PUGTALANÝAR

*29-njy aprel – 1-nji maý aralygynda paýtagtymyzyň Söwda-senagat edarasynda «Halkara söwda we hyzmatlar» atly sergi-ýarmarka hem-de «Türkmenistanda halkara ülňülere laýyk gelýän hil üpjünçiligi» atly halkara maslahat geçirildi.*

Sergi-ýarmarka we halkara maslahata ýurdumyzyň döwlet hem-de hususy düzümleri bilen bir hatarda, daşary ýurtlaryň 30-dan gowragyndan, şol sanda Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Awstraliýadan, Serbiýadan, Slowakiýadan, Şweýsariýadan, Şwesiýadan, Ysraýyldan, Azerbaýjandan, Latwiýadan, Malaýziýadan, Oman Soltanlygyndan, Hytaýdan, Koreýa Respublikasyndan, Polşadan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Russiýadan, Belarusdan, Türkiýeden, Gazagystandan, Germaniýadan, Niderlandlardan, Italiýadan, Özbegistandan, Täjigistandan, Gyrgyzystandan, Mongoliýadan, Müsürden, Beýik Britaniýadan, Ýaponiýadan, Hindistandan wekiller gatnaşdylar. Olaryň köpüsi sergide öz iş ugurlary bilen ýakyndan tanyşdyrýan sergi diwarlyklaryny hem ýaýbaňlandyrdylar. Halkara hil ölçeglerini sertifikatlaşdyryş guramalary we maliýe düzümleri, dürli ugurlara degişli harytlaryny türkmen bazaryna hödürleýän, şol sanda Türkmenistanda ozaldan işläp gelýän kompaniýalar şolaryň hataryndadyr.

Ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň kompaniýalarynyň 140-dan gowragy hem-de halkara düzümler öz işleridir hyzmatdaşlyk mümkinçilikleri bilen bu ýere gelýänleri tanyşdyrdy. Söwda toplumyna degişli döwlet edaralarynyň – Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, Söwda-senagat edarasynyň, Döwlet haryt-çig mal biržasynyň, Arkadag şäheriniň Söwda müdirliginiň diwarlyklarynda bu düzümler tarapyndan alnyp barylýan işler, sanly we maglumat tehnologiýalarynyň esasynda söwda amallarynyň täzeçil usulda ýerine ýetirilişi barada giňişleýin maglumat berildi. «Türkmenstandartlary» baş döwlet gullugynyň diwarlygynda ýurdumyzda öndürilýän önümleri sertifikatlaşdyrmak babatda iş ugurlary, kalibrleme tehnologiýalary görkezildi.

Sergi-ýarmarkada ISO, «Halal», ESG, GMP, GLOBALG.A.P ýaly halkara sertifikatlaşdyryş düzümleriniň iş aýratynlyklary görkezildi. Olar diňe bir öndürilýän önümleriň hiline, howpsuzlygyna we ekologiýa taýdan arassalygyna däl, eýsem, harytlary öndürýän kärhananyň önümçilik tehnologiýalarynyň, işgärler düzümleriniň hünär derejesiniň yzygiderli kämilleşdirilýändigine, daşky gurşawa howpsuz çemeleşilýändigine we beýleki aýratynlyklara görä kepil geçýärler. Kärhanalarda halkara standartlaryň berjaý edilmegi olaryň harytlarynyň dünýäniň talapkär sarp edijileriniň arasynda uly islegden peýdalanmagyna, önümçiligiň gerimini giňeltmäge, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmäge uly mümkinçilikleri döredýär.

Sergide «Hasar», «Täze Aý» hojalyk jemgyýetleriniň konditer we beýleki azyk önümleri, «Bereketli», «Sahabatly» hojalyk jemgyýetleriniň, «Ak toprak» hususy kärhanasynyň et, şöhlat we süýt önümleri görkezildi. Kärhanalaryň mynasyp bolan ISO we HACCP, «Halal» halkara güwänamalary olaryň azyk önümleriniň hiliniň ýokarydygyna, ekologiýa taýdan howpsuzdygyna şaýatlyk edýär. Oba hojalyk önümlerini öndüriji telekeçilerdir daýhan hojalyklary döwletimiz tarapyndan döredilýän amatly şertlerden netijeli peýdalanmak bilen, bakja, gök we miwe önümleriniň, ekzotik önümleriň önümçiligini yzygiderli artdyrýarlar. Olar bu önümler bilen ýurdumyzyň sarp edijilerini bolelin üpjün etmek bilen bir hatarda, güneşli topragymyzda ösdürilip ýetişdirilen gök we bakja önümlerini daşary ýurtlara hem iberýärler. «Owadan ülke» hojalyk jemgyýeti, «Erkin miweçilik», «Altyn tug» hususy kärhanalary, «Tebigy ekin» daýhan hojalygy ösdürip ýetişdirýän ekologiýa taýdan arassa önümlerini sergä gelýänlere hödürledi.

«Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasy tarapyndan öndürilýän çaga iýmitleriniň görnüşleri hem myhmanlaryň uly gyzyklanmalaryna eýe boldy. Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen döredilen kärhana diňe bir çaga iýmitlerini däl, lukmançylyk we arassaçylyk işlerinde ulanylýan serişdeleri hem öndürýär. Kärhanada öndürilýän önümlere «Hil menejmentiniň ulgamy» diýen ugur boýunça TDS ISO 9001 güwänamasynyň berilmegi olaryň ýokary hil derejesini tassyklaýar.

Gözden geçirilişde miwe suwlaryny, alkogolsyz içgileri öndürýän kärhanalara-da möhüm orun berlipdir. Şolaryň hatarynda «Arçalyk», «Sada suw», «Çäksiz lezzet», «Ak ýaprak» hojalyk jemgyýetleriniň, «Parahat» hususy kärhanasynyň diwarlyklary bar. Bu ýerde ýurdumyzyň we daşary döwletleriň elektron söwda platformalarynyň aýratynlyklary, hödürleýän hyzmatlary bilen hem tanyşdyryldy. Birnäçe hususy kärhanalar senagatda we gurluşykda gazanan üstünlikleri bilen tanyşdyrdy. Şunuň bilen baglylykda, «Şanly bedew» hojalyk jemgyýeti polat we profil önümleriniň önümçiliginde, «Ak gaýa» hojalyk jemgyýeti boýag, emulsiýa serişdelerini öndürmekde, «Ýedidogan nur» hojalyk jemgyýeti önümleri gaplamakda, «Rysgally nesip» hojalyk jemgyýeti dürli görnüşli yşyklandyryjylary taýýarlamakda bar bolan kuwwatlyklaryny görkezdi.

Ýurdumyzyň dokma senagatyna degişli bölüm gözden geçirilişiň aýratyn bölegini emele getirdi. Bu ýerde Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň dokma toplumlary tebigy çig maldan taýýarlanylan ýokary hilli dokma önümlerini hödürledi. Ýokary tehnologik enjamlar ornaşdyrylan dokma kärhanalarynyň yzygiderli gurulmagy netijesinde pudagyň öndürýän önümleriniň görnüşleri yzygiderli artýar. Şu gezekki sergä «Better Cotton», «Oeko-Tex» halkara standart guramalarynyň wekilleriniň hem gatnaşandygy bellärliklidir. Munuň özi geljegi uly bu pudakda özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak üçin amatly şertleri döredýär.

Sergi-ýarmarka daşary ýurtlaryň kompaniýalary we ilçihanalar hem işjeň gatnaşyp, türkmen bazaryna hödürleýän harytlarydyr hyzmatlary bilen tanyşdyrdy. Bu ýerde Germaniýanyň «Bosch» kompaniýasynyň hojalyk tehnikalary, «Messe Frankfurt» kompaniýasynyň halkara çäreleri guramakda alyp barýan işleri bilen ýakyndan tanyşdyryldy. Beýik Britaniýanyň, Italiýanyň, Özbegistanyň ilçihanalarynyň diwarlyklarynda türkmen tarapy bilen geljegi uly hyzmatdaşlygyň ugurlary görkezildi. Şu gezekki sergi Türkiýäniň, Malaýziýanyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdeplerinde bilim almak isleýän ýaşlara giňişleýin maglumat almak üçin hem amatly şertleri döretdi. Bu ýerde ýaýbaňlandyrylan sergi diwarlyklarynda bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri giňişleýin tanyşdyryldy.

* * *

Söwda-senagat edarasynyň maslahatlar zalynda geçirilen «Türkmenistanda halkara ülňülere laýyk gelýän hil üpjünçiligi» atly halkara maslahatda ýokary tehnologiýalar bilen üpjün edilen kärhanalary döretmek, bar bolanlarynyň işini döwrebaplaşdyrmak, önümleri halkara hil ölçeglerine laýyk sertifikatlaşdyrmak, eksport işini ösdürmek ýaly ugurlarda özara pikir alyşmalara giň orun berildi.

Maslahatda ýurdumyzyň kärhanalarynyň hödürleýän önümlerini we hyzmatlaryny halkara ülňülere laýyklykda sertifikatlaşdyrmak boýunça hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlary barada çykyşlar diňlenildi. Halkara ülňüleriň söwdany ösdürmekdäki, maýa goýumlary çekmekdäki orny, elektron eksport, erkin ykdysady zolaklar üçin ülňüler, işewürlik üçin amaly ädimler halkara maslahatyň dowamynda ara alnyp maslahatlaşylan meseleleriň hatarynda boldy.

Şeýle hem oba hojalygynda howpsuzlygy üpjün etmek boýunça GLOBALG.A.P. ülňüleriniň ähmiýeti hem-de olaryň Türkmenistanda we Merkezi Aziýada ornaşdyrylyşy, organiki şahadatnamalaryň görnüşleri, oba hojalygynda ESG ölçeglerini ornaşdyrmagyň tejribesi maslahatyň ýörite bölümçesinde giňişleýin ara alnyp maslahatlaşyldy. Daşary ýurt kompaniýalarynyň, halkara sertifikatlaşdyryş düzümleriniň wekilleri çykyşlarynda türkmen kärhanalary bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyk we onuň oňyn netijeleri barada giňişleýin gürrüň berdiler.

Sergi-ýarmarka we halkara maslahat öz işini 1-nji maýda tamamlady. Halkara maslahatyň çäklerinde geçirilen «Ýangyç-energetika pudagynda sertifikatlaşdyryş», «Azyk senagaty», «Dokma we ýeňil senagat», «Maglumat tehnologiýalary we startaplar üçin ülňüler», «Merkezi Aziýa sebitinde söwda, ülňüler, sertifikatlaşdyryş we akkreditasiýa meseleleri» atly bölümçelerde gyzyklanma bildirilýän ugurlarda bar bolan mümkinçilikler, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň geljegi ara alnyp maslahatlaşyldy. Halkara çäreleriň dowam edýän günlerinde ýurdumyzyň işewür düzümleriniň we daşary ýurtlaryň kompaniýalarynyň, sertifikatlaşdyryş guramalarynyň arasynda birnäçe duşuşyklar geçirildi, hyzmatdaşlyk boýunça resminamalara gol çekildi.









## Türkmenistan-ÝHG: durnukly ösüş üçin hyzmatdaşlyk

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkara we sebit guramalar bilen özara gatnaşyklary pugtalandyrmagyň çäklerinde oňyn işler durmuşa geçirilýär. Bu guramalaryň gatnaşmagynda ýurdumyzda dürli halkara forumlar we maslahatlar geçirilýär. Şeýle möhüm çäreleriň biri «akylly» şäher konsepsiýasynyň çäklerinde gurlan Arkadag şäherinde geçirilen Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň durnukly ösüş boýunça ministrler derejesindäki birinji forumy boldy. Bu forumyň baş maksady durnukly ösüşi gazanmak maksady bilen, söwda, maýa goýumlar, «ýaşyl» ykdysadyýet, innowasiýalar, sanlylaşdyrmak, energetika, azyk howpsuzlygy, ekologiýa, oba hojalygy we ulag pudaklarynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ýola goýmak üçin giň mümkinçilikleri döretmekden ybaratdyr. ■ 3



## Ulag ulgamynda uly üstünlikler gazanylýar

**Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzda häzirki zaman ulag-üstaşyr logistik, aragatnaşyk we telekommunikasiýa ulgamlary uly ösüşlere eýe bolýar.**

**Gahryman Arkadagymyz häzirki döwrüň täze taryhy şertlerinde dünýäniň bitewüliginden ugur alýan öňdengörüjilikli syýasaty ýöretmek bilen, zeminiň ähli ýurtlarynyň özara sazlaşykly ösüşine ýardam edýän üstaşyr ulag infrastrukturasyny emele getirmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary öňe sürýär hem-de şol başlangyçlaryň gaýragoýulmazdan durmuşa geçirilmegine uly ähmiýet berilýär. Hususan-da, ulag-üstaşyr hyzmatdaşlygynda halkara hukuk esaslary emele getirýän meselelerine aýratyn üns berilýär.** ■ 3



## Şanly ýylyň batly gadamlary

2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi hemişelik Bitarap Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň dünýä bileleşiginiň umumy ykrar edilen ýörelgeleri bilen sazlaşykly utgaşýandygyny äşgär edýär. Ýurdumyz Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegi gazanmakda, şol sanda Merkezi Aziýa sebitiniň parahatçylygyň, ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň zolagy bolmagynda oňyn başlangyçlaryny işjeň öňe sürýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň tebigy serişdeleriň howpsuz üstaşyr geçelgeler arkaly halkara bazarlarda elýeterli bolmagyny gazanmak, söwda-ykdysady gatnaşyklar üçin amatly we köpugurly ulag geçelgelerini döretmek, daşky gurşawy goramak babatdaky amala aşyrýan beýik işleri häzirki wagtda özüniň oňyn netijelerini berýär. ■ 3



## Emeli aň okuw meýilnamasyna girizilýär

Hytaýyň häkimiýetleri ylym-bilim özgertmeleriniň çäklerinde emeli aň (AI) maksatnamalaryny bilim işlerine, okuw kitaplaryna we mekdep okuw meýilnamalaryna girizýärler.



4

## Magniý ýetmezçiliginiň alamatlary

Soňky geçirilen barlaglarda magniý ýetmezçiliginiň diňe fiziki taýdan däl, eýsem, beýniniň işjeňligine hem ýaramaz täsir edip biljekdigi ýüze çykaryldy.




5

## Ispaniýada «Toyota»-lylaryň üstünligi

Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 4-nji ýaryşy Ispaniýanyň Kanariýa adasyndaky Las Palmas şäherinde geçirildi.



7

## Ýatdan çykmajak ýarym final duşuşygy

UEFA Çempionlar Ligasynda ýarym final oýunlaryna badalga berlip, «Barselona» bilen «Interiň» arasyndaky duşuşyk ýatdan çykmajak oýunlaryň biri boldy.



8



# GAHRYMAN ARKADAGYMYZ MONAKONYŇ ŞAZADASYNYŇ GEŇEŞÇISI BILEN DUŞUŞDY

*29-njy aprelde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Monakonyň Şazadasynyň geňeşçisi, Parahatçylyk we sport guramasynyň prezidenti we esaslandyryjysy Žoel Buzu bilen duşuşdy.*

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, Türkmen bedewiniň milli baýramynyň giňden bellenip geçilýän günlerinde myhmansöýer türkmen topragynda bolmagyna şatdygyny aýtdy hem-de Gahryman Arkadagymyzy bu baýram bilen tüýs ýürekden gutlady. Şeýle hem Žoel Buzu Milli Liderimize Monakonyň Şazadasy Alber II hem-de Şagyzy Stefaniýanyň mähirli salamyny, hoşniýetli arzuwlaryny ýetirdi. Žoel Buzu Monako Knýazlygynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýan parahatçylyk döredijilikli daşary syýasatyna ýokary baha berilýändigini aýratyn belledi.

Hormatly Arkadagymyz gutlaglar we hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Şazada Alber II we Şagyzy Stefaniýa iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Ž.Buzu türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyjy bilen döredilen «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň şu ýylyň ýanwar aýynda Monakonyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda gazanan üstünligi bilen Gahryman Arkadagymyzy ýene-de bir gezek gutlap, türkmen sirk sungatynyň ýeten ýokary derejesini belledi. Nygtalyşy ýaly, ahalteke bedewleri uzak taryhyň dowamynda kemala gelip, nesilden-nesle geçirilip gelnen atçylyk sungatynyň nusgalyk beýanydyr. Atçylyk sungaty türkmen atşynaslarynyň yhlasly zähmetiniň, çuňňur tejribesiniň we ýokary ussatlygynyň miwesidir. Ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmek, onuň gadymy däplerini dowam etdirmek we dünýä giňişliginde giňden tanatmak boýunça döwlet derejesinde giň gerimli işler alnyp barylýar.

Söhbetdeşler Türkmenistan bilen Monako Knýazlygynyň arasyndaky gatnaşyklaryň deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak ýörelgeleri esasynda alnyp barylýandygyny kanagatlanma bilen belläp, syýasy, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň maksadalaýyk boljakdygyny nygtadylar. Şunuň bilen baglylykda, Žoel Buzu ýolbaşçylyk edýän guramasynyň Türkmenistan bilen sport ulgamynda hyzmatdaşlygy ilerletmäge taýýardygyny tassyklady.

Myhman Gahryman Arkadagymyzyň we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidentiniň Monako Knýazlygyna amala aşyran saparlaryny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi hem-de saparlaryň çäklerinde geçirilen ýokary derejeli duşuşyklaryň ikitaraplaýyn gatnaşyklary täze mazmun bilen baýlaşdyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Monakonyň Şazadasynyň geňeşçisi, Parahatçylyk we sport guramasynyň prezidenti we esaslandyryjysy Žoel Buzuwa berk jan saglyk, işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

## Bagşyçylyk sungatynyň belent sarpasy

Saz ynsan ruhuny belende göterýän, parahatçylygyň melhem şuglasy bolup, kalplara ornaşýan gudratly sungatdyr. Türkmen halkynyň çuňňur aýdym-saz sungaty, özboluşly medeniýeti we sungaty bar. Bu ugurda Dutar ýasamak senetçiliginiň, dutarda saz çalmak we bagşyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi sungatyň belent sarpalanmasydyr.



Bagşyçylyk sungatyny dowam etdirýän türkmen sungat ussatlary halkara festiwallara gatnaşyp, ýurdumyza mynasyp wekilçilik edýärler. Golaýda, türkmen bagşylary Özbegistanyň gadymy Hywa şäherinde bagşyçylyk sungaty boýunça IV halkara festiwalyna gatnaşyp, birinji orna mynasyp boldular. Bu festiwala dünýäniň 40 döwletinden 200-e golaý bagşy gatnaşdy.

Ýurdumyzyň wekilleriniň şeýle giň gerimli festiwallarda baýrakly orna mynasyp bolmagy türkmeniň bagşyçylyk sungatynyň gadymyýetden gözbaş alyp gaýdýan milli sungatdygyny ýene-de bir gezek aýdyňlygy bilen görkezdi.

**Humaý NURYÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Halkara kitap sergisi geçirilýär

Kolumbiýanyň paýtagty Bogotada halkara kitap sergisi geçirilýär. 36-njy gezek geçirilýän sergä Braziliýa hormatly myhman ýurt hökmünde gatnaşýar. Sergi meýdançasynda Braziliýanyň Prezidenti Lula Da Silwanyň Kolumbiýanyň Prezidenti Gustawa Petro sowgat beren, meşhur futbolçy Peläniň kolumbiýaly ýazyjy Gabriel Garsiýa Markesi gujaklap duran suratynyň nusgasy ýerleşdirildi. Sergä 25 ýurtdan 160-dan gowrak neşirýat gatnaşýar. Serginiň esasy temasy ekoulgamyň goralmagy bilen baglydyr. Her ýyl geçirilýän sergi iki hepde dowam edip, medeni çärä neşirýat kärhanalary, kitaphanalar, ýazyjylar gatnaşýar. Bu ýerde okyjylar kitaplaryň awtorlary bilen duşuşmaga hem mümkinçilik alýarlar. 25-nji aprelde öz işine başlan sergi 11-nji maýa çenli dowam edýär.



**Resul HOJABERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Bagtyýarlyk etrap komitetiniň partiýa guramaçysy.*

## Senagat robotlaryň sany artýar

Häzirki wagtda senagat kärhanalarynda awtomatlaşdyrylan ulgamlar has köp ulanylýar. Bu ýagdaý ozal el güýji bilen edilýän işleriň has çalt, arzan we üznüksiz ýerine ýetirilmegine mümkinçilik berýär. Senagat robotlary, esasan, gämigurluşyk, maşyngurluşyk zawodlarynda we beýleki senagat kärhanalarynda giňden peýdalanylýar. Hytaý 2015-nji ýylda robotlaryň önümçiligine degişli iri taslamany durmuşa geçirip başlady. Şonda ýylda 100 müň robotyň öndürilmegi maksat edinilipdi. Robotikleriň halkara guramasynyň maglumatyna görä, ýurtda 2022-2023-nji ýyllarda 276 müňden gowrak senagat roboty öndürildi. Bu görkeziji degişli döwürde dünýäde öndürilen robotlaryň ýarysyna barabardyr.



**Kadyr NURYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.*

## Adamlar bilen robotlaryň ýaryşy

Hytaýyň paýtagty Pekinde ilkinji gezek adamlar bilen robotlaryň ýaryşy guraldy. Ýarym-marafon ýaryş sport äleminiň wekilleri bilen tehnologiýa dünýäsini bir ýere jemledi. Umumy uzynlygy 21,1 kilometr bolan ýol ikä bölünip, bir tarapda adamlar, beýleki tarapda iki aýakly robotlar ylgady. Täsin ýaryşda tehnologiýa kompaniýalarynyň, uniwersitetleriň, barlag institutlaryň we höwesjeň gurnaklaryň işläp taýýarlan robotlary öz aralarynda ýaryşdylar. Pellehana birinji bolup, Pekin adamsypat robot innowasiýa merkezi tarapyndan işlenip taýýarlanan «Tiangong Ultra» atly robot geldi. Robot bu aralygy 2 sagat 40 minut 42 sekuntda geçdi. Emma bu görkeziji adam ylgaýjylaryňkydan ep-esli pes boldy. «Noetix Robotics» kompaniýasynyň «N2» atly kiçi göwrümli robotlaryň iki modeli bolsa, ikinji we üçünji ýeri eýeledi. Adatça uzak aralyga ylgaýan türgenlere suw berlişi ýaly, robotlaryň hem batareýalarynyň çalşylmagyna rugsat berildi.



**Gülälek BAÝRAMALYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäher Geňeşiniň medeniýet we köpçülikleýin habar beriş bölüminiň baş hünärmeni.*

## Aşgabatda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygy geçirildi

Ýakynda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň hem-de Halkara Zähmet Guramasynyň (HZG) Zähmetkeşleriň işleri boýunça edarasynyň bilelikde guramagynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygy geçirildi. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň we Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň döredilmeginiň 30



ýyllygy mynasybetli geçirilen çärä gatnaşmak üçin sebit ýurtlarynyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň başlyklarynyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýetler Aşgabada geldi.

Ýurdumyzda Halkara Zähmet Guramasy bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. Dünýäniň 187 ýurduny agza hökmünde birleşdirýän bu gurama zähmet gatnaşyklarynyň umumy kabul edilen kadalara we düzgünlere laýyklykda alnyp barlyşyna gözegçilik edýär hem-de howpsuz zähmet şertleriniň döredilmegi ugrunda döwletleriň tagallalaryna goldaw berýär.

Duşuşykda ýurdumyzyň Halkara Zähmet Guramasy bilen yzygiderli ösdürýän hyzmatdaşlygyna hem aýratyn üns çekildi. Türkmenistan 1993-nji ýyldan bäri bu guramanyň agzasy bolmak bilen, geçen döwürde onuň 11 sany konwensiýasyny tassyklady. Konwensiýalardan gelip çykýan borçnamalara ygrarly bolan ýurdumyz halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmakda netijeli işleri alyp barýar. Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi işgärleriň hukuklaryny we bähbitlerini, durmuş adalatlylygyny goldamak, zähmet şertlerini gowulandyrmak işinde möhüm wezipäni ýerine ýetirýär. Bu ugurda alnyp barylýan işler ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan has-da ösmegine goşant goşýar.

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň döredilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli türkmen paýtagtynda geçirilen duşuşyk Merkezi Aziýa ýurtlarynyň degişli düzümleriniň arasynda özara hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ösdürmek, bilelikdäki tagallalary utgaşdyrmak, tejribeleri alyşmak üçin täze tapgyryň başyny başlaýar. Munuň özi sebit ýurtlaryndaky okgunly ykdysady we durmuş özgertmeleriniň çäklerinde hem möhüm ähmiýete eýedir.

**Çary KAKABAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Ýangyn howpundan ägä boluň!

Tebigatda bolup biläýjek ýangyn hadysalaryň öňüni almak üçin öri meýdanlarda, pudaklaýyn edara-kärhanalaryna degişli bolan tokaý-seýilgäh zolaklarynda guran hapa-haşal otlar aýrylyp, arassaçylyk işleri geçirilip, ýangyn howpsuzlyk araçäkleri döredilmeli, sürüm we arassaçylyk işlerine gatnaşýan ähli işgärlere, sürüjilere, bagbanlara ýolbaşçylary tarapyndan ýangyn howply möwsimiň dowamynda yzygiderli ýangyn howpuna garşy wagyz-ündew işleri geçirilmelidir. Şeýle-de tokaý-seýilgäh zolaklarynda işleýän ähli tehnikalar ilkinji ýangyn söndüriji serişdeler bilen üpjün edilip, olaryň tüsseçykaryjylary uçgun söndüriji bilen berk ýapylmalydyr.

Bahar paslynyň dowam edýän şu günleri ildeşlerimiz maşgala bolup tebigata, tokaý-seýilgäh zolaklaryna gezelenç edenlerinde ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň talaplaryny doly berjaý etmelidirler. Tebigata çykylanda ot ýakmagyň, otluçöp galyndysyny zyňmagyň, awtoulaglaryň ýag we ýangyç siňen esgilerini, çüýşe döwüklerini taşlamagyň howpludygyny unutmaly däldir. Çüýşeden, aýna döwüklerinden Gün şöhlesi geçip, ýangyn howpunyň döremegi mümkin.

Mähriban ildeşler, tebigat biziň ählimiziň bahasyna ýetip bolmajak baýlygymyzdyr, ony aýawly saklap, ýangyn howpundan goramak bolsa ählimiziň borjumyzdyr.

**Geldimämmet REJEPOW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 104-nji ýangyn howpsuzlygy bölüminiň uly gözegçisi, içerki gullugyň maýory.*

## Eziz Diýarymyzyň gözel tebigaty

Ýaşyl zolaklar şäher tebigatynyň aýrylmaz bölegi, olar diňe bir gözellik sazlaşygy bolman, eýsem, arassa ekologiýa gurşawyny emele getirmek bilen, ilatyň sagdyn ýaşaýşynyň hem möhüm şertidir. Şol sebäpli ýurdumyzyň ähli künjeginde, şeýle hem paýtagtymyzda agaç nahallarynyň ekilmegine, tokaý zolaklarynyň döredilmegine örän uly ähmiýet berilýär.



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ata Watanymyzda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy baýram ediler. Şanly sene mynasybetli paýtagtymyzda baýramçylyk dabaralaryny ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek boýunça ähli mümkinçilikler döredilýär. Şeýle işleriň çäklerinde welaýatlaryň we Aşgabat hem-de Arkadag şäherleriniň ekologiýa ýagdaýyny has-da gowulandyrmak, tebigy künjekleri döretmek bilen bagly birnäçe maksatnamalar durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, Arkadag şäheriniň çäklerinde-de tokaý zolaklarynyň, şol sanda arça agaçlary oturdylan meýdanlaryň çägi barha giňeýär. Seýilgäh zolaklary howany tozandan arassalaýar we ýellerden goranmagyň tebigy serişdesi bolup durýar. Bu babatda «akylly» şähere nusgalyk ornuň degişlidigini bellemek gerek. Täze şäheriň ekologiýa babatda birnäçe halkara güwänamalara mynasyp bolmagy-da bu hakykaty doly tassyklaýar.

**Gandym GANDYMOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## 1 million funt sterlinge satyldy

«Sotheby's» auksion öýi Londonda gymmat bahaly we seýrek nusgalary duş gelýän sungat eserlerini «Gündogar sungaty» ady bilen satuwa hödürledi. Jemi 50 eseriň satuwa çykarylan auksionynda türk suratkeşi Osman Hamdi Beýiň 1881-nji ýylda çeken suraty iň gymmat bahadan satylan lot boldy. Awstriýadaky hususy kolleksiýada saklanýan eser 1 million funt sterlinge satyldy. Eseri 1910-njy ýylda gruziýaly Şazada Sadyk Ýadigarow satyn alypdyr. Soňra eser onuň ogly Arçile galypdyr. 1930-njy ýyllarda Arçil öýlenensoň, şonuň bilen garyndaş bolan Wenadaky hususy kolleksiýaçylaryň birine geçipdir.



«Kofe taýýarlanýar» atly kartinada Stambulyň Topkapy köşgünde faýans bilen bezelen otaglaryň birinde kofe içmek bilen bagly däpdessurlary ýerine ýetirýän iki zenanyň suraty bar. Olaryň biri elini ýuwup otyr, beýlekisi elinde desmal saklap dur. Aňyrdaky stoluň üstünde bolsa, kofe çaşkalaryny görmek bolýar.

**Şerapat SULTANOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Immunizasiýa sagdyn jemgyýetiň binýadydyr

Ýurdumyzda ilatyň saglygyny goramak, nesilleriň bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmek bilen bagly meseleler ileri tutulýan esasy ugurlaryň biridir.

Ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamy «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň we beýleki giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalaryň çäklerinde yzygiderli kämilleşdirilýär. Bu maksatnamanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde ýokanç keselleriň birnäçesi, şol sanda drakunkulýoz, poliomiýelit, gyzzyrma, gyzamyk we gyzylja keselleriniň ýok edilmegi gazanyldy.

Häzirki wagtda raýatlara lukmançylyk hyzmatlaryny etmek babatda saglygy goraýyş ulgamynda öňüni alyş çäreleriniň gerimini giňeltmek, hormatly Prezidentimiz tarapyndan durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Immuno-öňüni alyş çäreleri epidemiologiýa abadançylygyny saklamagyň möhüm guralydyr. Ýurdumyzda 27-nji aprelden başlap, bir hepdäniň dowamynda immunizasiýanyň ähmiýeti barada giňişleýin wagyz-nesihat çäreleri geçirilýär. Bu möhüm çäreleriň toplumyny öz içine alýan hepdelik Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan 2005-nji ýylda ýola goýuldy. Çäräniň maksady keselleriň öňüni sanjym arkaly almagyň ähmiýeti barada ilatyň habarly bolmagyny gazanmakdan, immunizasiýa barada sowatlylygy artdyrmakdan ybarat.



Immunizasiýa bedeni belli ýokanç keselle re garşy goramaga ukyply edýän, ýagny immunitet döredýän sanjymdyr. Sanjymyň netijesinde bedende ýokanç kesele garşy gorag güýji emele gelýär. Bu bolsa diňe bir şahsy saglygyň däl, eýsem, jemgyýetiň sagdynlygynyň hem kepilidir. Sebäbi köpçülikleýin sanjym geçirilende, wiruslaryň ýaýramagy azalýar we toparlaýyn immunitet döredilýär.

Häzirki wagtda dünýäde 20-den gowrak howply ýokanç kesele garşy netijeli waksinalar ulanylýar. Şolaryň hatarynda gyzamyk, gökbogma, gyzzyrma, poliomiýelit, B öýken keseli (gepatit B), difteriýa, meningit we başga-da birnäçe keseller bar. Waksinalaryň netijesinde her ýyl millionlarça adam bu howply kesellerden goranýar.

Immunizasiýa sagdyn jemgyýetiň binýadydyr. Şonuň üçin her bir adam öz saglygyna jogapkärli çemeleşmeli, wagtynda sanjym etdirmeli we saglygyny, şeýle hem töweregindäkileri goramaly. Sagdyn nesil sagdyn jemgyýetiň we döwletimiziň mizemez binýadydyr.

**Mübärek MURATOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň gospital hirurgiýa kafedrasynyň assistenti, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

## Nebitgaz pudagy ykdysadyýetiň möhüm ugry

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 5-nji aprelinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň geçen üç aýynyň jemlerine bagyşlap sanly ulgam arkaly geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde uglewodorod çig mallarynyň çykarylyşyny artdyrmak boýunça degişli işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi. Ýurdumyz nebitdir gazyň gorlaryna baý döwletleriň hatarynda bolmak bilen, bu ugurda ägirt uly taslamalary işläp taýýarlaýar hem-de olary durmuşa geçirýär. Dünýäniň öňdebaryjy öndürijileriniň iň kämil buraw desgalaryna we enjamlarydyr tilsimatlaryna eýe bolan türkmen gazçylary we nebitçileri uly üstünlikleri gazanýarlar. Nebit we gaz ýurdumyzyň ykdysadyýetini herekete getirýän güýç bolup durýar. Häzir hormatly Prezidentimiziň goldamagy bilen pudakda döwrebaplaşdyrmak we ösdürmek işleriniň giň gerimli maksatnamasy amala aşyrylýar. Kärhanalaryň durnukly işlemegi, baý serişdeleriň netijeli ulanylmagy we eksport mümkinçilikleriniň giňeldilmegi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny berkitmekde möhüm orun eýeleýär. Gazyň hem-de energiýa serişdeleriniň dünýä bazaryna iberilýän möçberlerini artdyrmaga aýratyn üns berilýär. Türkmenistan gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolmak bilen, dünýä bazaryna ekologiýa taýdan arassa ýangyjy ugratmagyň köpugurly düzümini ösdürýär. Iri «Galkynyş» gaz käniniň gorlary «Ýaşlar» we «Garaköl» ýataklarynyň gorlary bilen bilelikde tebigy gazyň 27 trillion kub metrine golaý mukdarda kesgitlenip, ýurdumyzyň dünýäniň energetika bazaryndaky ornuny berkidýär.



**Näzikjemal AGAÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Telekommunikasiýa ulgamynda gazanylan üstünlikler

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna beslenip, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary astynda geçýän şu ýylyň wakalary Watanymyzyň şanly ýyl ýazgysyna täze sahypa bolup ýazylýar. Bitaraplyk syýasaty ýurdumyza ykdysady ösüşiň wezipelerini üstünlikli çözmäge mümkinçilik berdi. Şeýle döwürde telekommunikasiýa pudagynda hem uly ösüşler gazanylýar. Munda älem giňişligine çykarylan emeli hemramyzyň hem goşandy uludyr.

2025-nji ýylyň aprel aýynda «TürkmenÄlem 52$^0$E» ilkinji milli aragatnaşyk hemrasynyň işläp başlanyna 10 ýyl doldy. Bu waka türkmen telekommunikasiýa tehnologiýalaryny ösdürmek, aragatnaşyklar we gepleşikler ulgamynda ýurduň halkara orunlaryny berkitmek ugrunda möhüm ädim bolup, ylmy we tehnologiki ösüş üçin täze mümkinçilikleri açdy.



2015-nji ýylyň 27-nji aprelinde Kanaweral kosmodromyndan (ABŞ, Florida ştaty) «Falcon 9» göteriji raketasy arkaly kosmosa ilkinji türkmen aragatnaşyk hemrasy goýberildi. Enjam Türkmenistanyň sargydy bilen «Thales Alenia Space» fransuz kompaniýasy tarapyndan döredildi. Bu hemra diňe bir tehniki öňegidişlik bolman, eýsem, döwrebaplaşmagyň we halkara hyzmatdaşlygyň täze döwrüniň nyşany boldy. «TürkmenÄlem 52$^0$E» hemrasynyň goýberilmegi netijesinde ýurdumyzda telekommunikasiýa mümkinçilikleriniň ösdürilmeginde möhüm ädim ädildi.

**Gurbanýaz REJEPOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Kosmos interneti ýaýbaňlanýar

«Amazon» kompaniýasy kosmosdan Ýer ýüzüni internet bilen üpjün etjek taslamasyna girişdi. «Project Kuiper» atly taslamanyň çäklerinde ilkinji 27 emeli hemra Floridadaky Kanaweral kosmodromyndan uçuryldy. 2019-njy ýylda tanyşdyrylan taslamanyň bahasynyň 10 milliard dollardygy mälim edildi. «Amazon» Ýeriň aşaky orbitasyna 3 müň 236 emeli hemrany uçurmagy maksat edinýär. Emeli hemralar «United Launch Alliance» kompaniýasynyň «Atlas V» raketasy bilen uçuryldy. Taslama «Boeing», «Lockheed Martin» ýaly aerokosmos kompaniýalary hem ýardam berýär. Bu hyzmat aragatnaşygyň pes bolan, medeni zolakdan uzak ýerlerini internet bilen üpjün etmek maksady bilen ýola goýulýar.

**Muhammet KERIMOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Girdejileri ýokary boldy

Şu ýylyň birinji çärýeginde «Microsoft» we «Meta» kompaniýalarynyň girdejileri garaşylandan ýokary boldy. Ýanwar-mart aýlarynda «Microsoft» kompaniýasynyň girdejisi geçen ýylyň degişli döwründäkiden 13 göterim ýokarlanyp, 70,1 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Geçen ýylyň birinji çärýeginde bu görkeziji 61,9 milliard bolupdyr. Kompaniýanyň arassa peýdasy hem 18 göterim artyp, 25,8 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. «Meta»-nyň girdejisi bolsa, ýylyň birinji çärýeginde 16 göterim artyp, 42,3 milliard amerikan dollaryna ýetipdir. Geçen ýylyň degişli döwründe kompaniýa 36,5 milliard amerikan dollary girdeji gazanypdyr.




**Wepa ANNAGELDIÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Maý aýynyň 2-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116236
Belgisi: 18/1636
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# WATAN GAHRYMANLARY ÝATLANYLÝAR WE SARPALANÝAR

1941 – 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň baýram edilmegi her bir türkmenistanly üçin buýsançly wakadyr. Bu urşuň aldym-berdimli söweşlerinde beýleki milletler bilen bir hatarda, türkmen ýigitleri hem halkymyza mahsus bolan mertlik, gaýduwsyzlyk bilen söweşip, gahrymançylygyň belent nusgasyny görkezdiler. Olaryň gahrymançylyklary ýurdumyza abraý, dereje, mertebe getiren mertliklerden nyşandyr. Hut şonuň üçin hem urușda görkezilen gahrymançylyk, edermenlik milletiň hakydasynda baky orun tutdy. Ýer ýüzüniň halklaryny «faşizm» atly mergiden goramak ugrundaky söweşlerde janyny gurban eden ýüzlerçe müň türkmenistanlynyň hormatyny belent tutmak, diri gezip ýören uruş weteranlaryny sarpalamak babatda hormatly Prezidentimiz tarapyndan taýsyz tagalla edilýär. Munuň şeýledigine bolsa, ýurtda ýaýbaňlandyrylýan derejeli işleriň toplumy hem doly şaýatlyk edýär.

Paýtagtymyzyň gözel künjekleriniň birinde «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumynyň bina edilmegi, ol ýerde «baky oduň» alawlap durmagy, uruş weteranlarynyň pensiýalarynyň dowamly köpeldilmegi, ýaşaýyş-durmuş derejeleriniň gowulandyrylmagy Watan gerçeklerine berilýän üns-aladanyň döwlet derejesindedigindenden habar berýär.

Merdana ata-babalarymyzyň gahrymançylygy mukaddes Watanymyza, halkymyza we tutuş adamzada ak ýürekden gulluk etmegiň nusgalyk



mekdebidir. Şoňa görä-de, gazaply uruş ýyllarynyň güzaplary, jebir-jepalary, ýetiren zyýany, bu döwrüň taryhynyň gahrymançylykly sahypalary hiç wagt unudylmaz! 1941 – 1945-nji ýyllaryň aldym-berdimli söweşlerinde edermenligiň we gaýduwsyzlygyň, baky hormatyň hem-de ebedi şöhratyň beýik nusgasyny döreden gahrymanlarymyz kalbymyzda baky ýaşar. Mälim bolşy ýaly, türkmen zenanlary uruş ýyllarynda Goranmak gaznasyna köp mukdarda gymmatly şaýsepleri tabşyryp, hakyky watansöýüjiligini, ata-babalarymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan däplerine ygrarlydyklaryny görkezdiler. Biziň uly ýaşly nesillere çäksiz hoşallygymyz, olaryň gahrymançylykly hereketleri baradaky hakydamyz anyk işlerde beýanyny tapýar. Halkymyzyň «Ölüsini sylan beg bolar» diýen parasatly sözlerinden ugur alnyp, her ýyl Watan gahrymanlary ýatlanylýar we sarpalanýar.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, hormatly weteranlarymyzyň bütin durkuň bilen Watanymyzyň mukaddeslikleriне uýmak, agzybirligimiziň, jebisligimiziň, abraý-mertebämiziň synmazlygyny gorap saklamak, ynsan mertebesini belent tutmak, ak ýürekli, lebzi halal, zähmetsöýer, belent ahlakly bolmak, manyly ömür sürmek baradaky öwüt-ündewlerine hem-de nesihatlaryna eýerip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Watanymyz, mähriban halkymyz üçin okamak, öwrenmek, döretmek, gurmak, ýurdumyzyň dünýä dolan şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak biziň mukaddes borjumyzdyr.

**Selbi ÇERKEZOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# DOSTLUKLY SAPAR: SEBITARA HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE SAHYPASY

Türkmenistan bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň arasyndaky gatnaşyklarda sebitara hyzmatdaşlygy barha işjeňleşdirilýär. Geçen hepde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynda, Gyrgyz Respublikasynda, we Özbegistan Respublikasynda dostlukly saparda boldy.

Saparyň dowamynda geçirilen gepleşiklerde Türkmenistan bilen bu döwletleriniň arasyndaky berk dostluk gatnaşyklary, hoşniýetli goňşuçylygy we strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, döwletara gatnaşyklary hemmetaraplaýyn ösdürmek, söwda, senagat, ulag ulgamy, energetika, oba hojalygy, ylym-bilim we beýleki ugurlarda köptaraply we uzak möhletli hyzmatdaşlygy yzygiderli giňeltmek babatda möhüm ädimler ädildi.

Sebit ýurtlarynyň arasynda hususan-da gaz pudagyndaky we elektrik energetika ulgamynda hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berildi. «Galkynyş» gaz käniniň nobatdaky tapgyryny özleşdirmek we türkmen tebigy gazyny sebit ýurtlaryna ibermek babatda pikir alşyldy.

Ulag-kommunikasiýa pudagy hem sebit hyzmatdaşlygynyň möhüm ugry bolup durýar. Bu ugurda Demirgazyk–Günorta geçelgesiniň



çäklerinde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda maslahatlaşmalar geçirildi. Bu ugurda Merkezi Aziýa–Ýakyn Gündogar üstaşyr ulag geçelgesiniň mümkinçiliklerinden has netijeli peýdalanmak, Pars aýlagyndaky we Hazar deňzindäki portlara çykmak arkaly Gyrgyzystan–Özbegistan–Türkmenistan ugruny ösdürmek, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň infrastruktura mümkinçiliklerinden peýdalanmak ýaly ugurlarda hyzmatdaşlyk etmegiň möhümdigi bellenildi.

Şeýle hem sebit integrasiýasyny ösdürmegiň «Merkezi Aziýa–2040» konsepsiýasynyň hem-de 2025–2027-nji ýyllarda sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça «Ýol kartasynyň» wajypdygy nygtaldy.

Gahryman Arkadagymyz Özbegistan Respublikasyna dostlukly saparynda Özbegistan Respublikasynyň «Ýokary derejeli dostluk» ordeni bilen sylaglandy. Munuň özi iki doganlyk ýurduň arasyndaky dostluk gatnaşyklaryny, hoşniýetli goňşuçylygy, strategik hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda özbek halkynyň hormat-sarpasynyň nyşanydyr. Bu ýakymly waka iki dostlukly döwletiň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk-de hemmetaraplaýyn ösdürmäge ýardam eder.

Il-ýurdumyzyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegi üçin şeýle uly işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Nepes ANNABERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallym-öwrenijisi.*

# TÜRKMENISTAN-YHG: DURNUKLY ÖSÜŞ ÜÇIN HYZMATDAŞLYK

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibi häzirki wagtda Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy strategiýasy bolup çykyş edýär we üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmenistan Durnukly ösüş maksatlary boýunça hyzmatdaşlyk etmekde oňyn syýasaty alyp barýar, halkara gatnaşyklary giňeltmekde netijeli çäreleri görýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwletimiz Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy (YHG) bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy sebitleýin hökümetara ykdysady gurama bolup, 1985-nji ýylda döredildi. Eýran Yslam Respublikasy, Pakistan hem-de Türkiýe Respublikasy guramany esaslandyryjy döwletlerdir. 1992-nji ýylda bu gurama alyp barýan hyzmatdaşlygyny has-da işjeňleşdirdi. Onuň düzümine Owganystan, Türkmenistan, Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan girdi.

Agza döwletleriň arasynda ykdysady, tehniki we medeni hyzmatdaşlygyny ilerletmek, sebitiň dünýä söwdasyndaky ornuny artdyrmak, agza döwletleriň dünýä ykdysadyýetine yzygiderli utgaşygyny üpjün etmek, sebitiň ýurtlaryny biri-biri hem-de daşarky dünýä bilen baglanyşdyrýan ulag-kommunikasiýa ulgamyny ösdürmek, sebitiň agrar we senagat mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak guramanyň işiniň esasy ugurlary bolmagynda galýar.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň YHG bilen hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berýändigini,




oňa esasan hem, ykdysady we durmuş ulgamlarynda sebitleýin taslamalary ilerletmek bilen meşgullanýan iri halkara guramasy hökmünde garaýandygyny we döwletimiziň öz üstüne alan ähli borçnamalaryna we möhüm bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek boýunça öň gazanylan ylalaşyklara ygrarlydygyny tassyklaýar. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan




Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen hyzmatdaşlygynyň çäklerinde sebit boýunça ähli goňşulary bilen syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklary mundan beýläk hem işjeň ösdürer.

Bitarap döwlet we dünýä jemgyýetçiliginiň doly hukukly agzasy hökmünde Türkmenistanyň ähli gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlar, şol sanda abraýly sebit we halkara guramalar bilen giň gerimli gatnaşyklary ýola goýmak üçin açyk ýurtlaryň biridir. Türkmenistanda Gündogar – Günbatar we Demirgazyk – Günorta ugurlary boýunça üstaşyr ulag geçelgelerini işjeňleşdirmäge aýratyn üns berilýär. Hususan-da, gürrüň Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman, şeýle hem Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe ulag geçelgelerini döretmek barada giň tagallalar edýär.

**Sona ISLAMOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# ULAG ULGAMYNDA ULY ÜSTÜNLIKLER GAZANYLÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şol bir wagtda ulag ulgamy BMG-niň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibiniň maksatlaryna ýetmek üçin aýratyn ähmiýete eýedir.

Ýeri gelende bellesek, Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasy bilen bilelikde, 2022-nji ýylda Türkmenistanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp gelýän ýurtlaryň ministrleriniň halkara maslahatyny geçirmek baradaky teklibi öňe sürlüp, şol ýylyň awgustynda Awaza milli syýahatçylyk zolagynda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň Ulag ministrleriniň Halkara maslahaty geçirildi.

Häzirki wagtda hem üstümizdäki ýylyň awgust aýynda ýene-de Awaza milli syýahatçylyk zolagynda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň halkara maslahatyny geçirmäge uly taýýarlyk görülýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başlangyçlary, döwlet Baştutanymyzyň ýadawsyz tagallalary esasynda howa ulagynyň maddy-enjamlaýyn binýady kämilleşdirilýär. Ýurdumyzda öňdebaryjy enjamlar ornaşdyrylan täze howa menzilleri gurlup ulanmaga berilýär. Şolaryň hatarynda geçirijilik mümkinçiligi sagatda 1600 ýolagça deň bolan Aşgabadyň Halkara howa menzilini, Lebap welaýatynyň Türkmenabat we Kerki şäherleriniň Halkara howa menzillerini görkezmek bolar. Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde täze howa menzili ýakyn wagtda ulanmaga berler. Bu täze howa menzili ýurdumyzyň raýat



awiasiýasynyň ösüşinde öz goşandyny goşar.

Uzen – Bereket – Gürgen, Kerki – Ymamnazar – Akina, Serhetabat – Turgundy demir ýol taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi we olaryň goňşy döwletleriň demir ýol ulgamlaryna birikdirilmegi üstaşyr ýük daşamalaryny artdyrmaga mümkinçilik berdi.

2024-nji ýylda Serhetabat – Turgundy demir ýol geçelgesiniň türkmen-owgan serhedinde uzynlygy 177 metre deň bolan demir ýol köprüsiniň açylyp ulanmaga berilmegi, «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň, Turgundy – Hyrat demir ýolunyň birinji tapgyrynyň Turgundy – Sanabar böleginiň gurluşyk işlerine girişilmegi hem ulag diplomatiýasynyň üstünlikleriniň biridir.

Ulag ulgamyny ösdürmegiň, ulag diplomatiýasynyň hukuk esaslaryny berkitmegiň ileri tutulýan ugurlary «Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022 – 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda» kesgitlenendir. Ýurdumyzyň milli ulag syýasatynyň esasy ugurlaryny özünde jemleýän bu resminamada ulagyň ähli görnüşiniň maddy-enjamlaýyn binýadyny toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak, degişli düzümleri döretmek, bu ugurda kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça işleri geçirmek hem-de strategik maksatlaryň uly toplumyna ýetmek wezipeleri göz öňünde tutulýar.

**Aýnabat MÄTJANOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň Maliýe kafedrasynyň mugallym-öwrenijisi.*

# Oba hojalygy we ýüpekçilik

Ýurdumyzda oba hojalyk pudagy milli ykdysadyýetiň möhüm ugurlarynyň biridir. Onuň ösdürilmegine döwlet tarapyndan uly ähmiýet berilýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 – 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, bugdaýyň we gowaçanyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek, daýhanlaryň ýere bolan höwesini artdyryp, yhlasly zähmet çekmekleri üçin, oba hojalyk önümlerini öndürijileri ykdysady taýdan höweslendirmek maksady bilen, degişli işler alnyp barylýar.

Däneçilik we pagtaçylyk ýurdumyzyň oba hojalygynyň strategik ugurlarydyr. Bugdaýyň hem-de «ak altynyň» öndürilmegi we gaýtadan işlenilmegi hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän oba hojalyk syýasatynyň esasy ugurlary hökmünde kesgitlenendir. Pagtaçylyk oba hojalyk pudagynyň wajyp ugurlarynyň biri bolup, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligi ösdürmek we ykdysadyýetimiziň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilmegine mynasyp goşant goşýar.

Topragyň hilini gowulandyrmak, ekerançylykdan alynýan hasyly artdyrmak, tohumçylygy kämilleşdirmek, ykdysadyýetiň bu pudagyna sanly ulgamy ornaşdyrmak pudagyň öňünde durýan esasy wezipeleriň hatarynda durýar. Eziz Diýarymyzda obasenagat toplumyna döwlet tarapyndan goldaw bermegiň bitewi ulgamynyň döredilendigini bellemek gerek.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe oba hojalyk pudagynda amala aşyrylýan özgertmeleri üstünlikli dowam etdirmek, welaýatlaryň we etraplaryň toprak-howa şertlerine laýyklykda, oba hojalyk ekinlerini görnüşleri boýunça ýerleşdirmek, ekin dolanyşygyny ylmy esasda alyp barmak, ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak esasynda oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberini has-da artdyrmaga gönükdirilen işleriň alnyp barylýan döwründe ýüpekçilik pudagyny ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, şeýle hem pilänіň öndürilýän möçberini artdyrmak we hilini ýokarlandyrmak babatda hem degişli işler ýola goýuldy. Türkmen topragynda ýüpekçiligiň taryhy asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýar. Ýüpekçiligiň milli däpleri, ajaýyp ýüpek matalary we halylary dokamagyň usullary nesilden-nesle geçirilip, biziň günlerimize ýetip gelipdir. Ata-babalarymyz pile öndürmekde ýokary ussatlyga ýetipdirler. Bu iş sungat derejesine ýetirilip, ýüpekden haly we mata dokamagyň ygtybarly usullary döredilipdir. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eserinde ýüpekçiligiň taryhy barada gymmatly maglumatlar getirilýär. Häzirki döwürde ýüpekçilik ýurdumyzyň dokma senagatynyň geljegi uly pudaklarynyň biri hasaplanýar. Onuň önümlerine içerki we dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýär. Obasenagat toplumynda ýaýbaňlandyrylan özgertmeler we sebitleri durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen toplumlaýyn maksatnamalar bu senediň galkynmagyna itergi berdi.

Döwletimiz tarapyndan bu ugurda ýüpekçilere degişli ýardamlar berilýär. Ýüpek çig maly ýurdumyzyň eksportynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Daşary ýurtly kompaniýalar ýokary hilli ýüpek süýümine, lukmançylykda, awiasiýa senagatynda we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda ulanylýan tehniki ýüpek önümlerine uly isleg bildirýärler. Ýüpegi gaýtadan işleýän kärhanalaryň önümleri diňe bir ýurdumyzyň dokma pudagynda däl, eýsem, beýleki pudaklarda-da uly islegden peýdalanýar. Soňky ýyllarda hususy kärhanalarda ýüpek el halylarynyň, amaly-haşam sungatynyň, şol sanda milli keşdeçilik sungatynyň önümleriniň önümçiligi barha ýokarlanýar. Bu bolsa, öz gezeginde, ýüpek ýüplüginiň we sapagynyň öndürilýän möçberiniň artdyrylmagyny şertlendirýär.

**Merjen ÝAÝLYMOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallym-öwrenijisi.*

# NESILLERIŇ SAGLYGY – JEMGYÝETIŇ BAÝLYGY

Ýurdumyzda ýaşlaryň sagdyn bedenli, ylymly-bilimli bolup ýetişmegi ugrunda giň tagalla edilýär. Bu ugurda mümkinçiligi çäkli çagalaryň saglygyny dikeltmek meselesi hem yzygiderli üns merkezinde saklanýar. Alnyp barylýan işlerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna möhüm ornuň degişlidigini aýratyn bellemelidiris. Gaznanyň döredilmegi agzybir halkymyzda çuňňur hoşallyk duýgusyny döretdi.

Haýyr-sahawat gaznasynyň mümkinçilikleri yzygiderli ýokarlanýar. Haýyr-sahawat gaznasy öz serişdeleriniň hasabyna ýurdumyzdaky birnäçe çagalar hassahanalaryna kämil lukmançylyk enjamlary oturdylan «Tiz kömek» awtoulaglaryny sowgat berdi, gaznanyň işleriniň hatarynda lukmançylyk edaralarynda bejergi almaga mätäç çagalaryň bejerilip, operasiýa edilip, saglyklaryny dikeltmekleri, möhüm tehnologiýa serişdeleri bilen üpjün edilmekleri, zerur bolanda, daşary ýurtlara ugradylmaklary ýaly, köp ugurly işler bar. Il-halkyň çäksiz alkyşyna mynasyp bolýan şeýle mukaddes işleriň netijesi bolan ençeme «ilkinji gezekler» – çagalaryň ilkinji gezek agyry-ynjysyz uklap bilmegi, ilkinji gezek aýak üstüne galyp, ädim ätmegi, öňden gapyl dideleriň ilkinji gezek daş-töweregi görmegi, ilkinji gezek töwerekdäki sesler bilen bir hatarda, ene-atasynyň «balam» diýen mähirli sözüni eşitmegi, ilkinji gezek köpçüligiň öňünde zehin-başarnygyny açmagy... ýaly buýsançly başlangyçlar ýürekleri tolgundyrýar.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň ýokary jogapkärçilik bilen alyp barýan işleri gaznanyň işine täzeçe öwüşgin çaýýar. Golaýda haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň dünýäniň hem-de Ýakyn



Gündogar sebitiň meşhur «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň esasy alypbaryjysy Rizwan Han bilen bolan söhbetdeşligi hem gaznanyň alyp barýan işlerine halkara jemgyýetçiliginiň ýokary baha berýändiginiň aýdyň subutnamasyna öwrüldi.

Şol söhbetdeşlikde Oguljahan Atabaýewa ýurdumyzda eneligi, çagalygy goramak, ösüp barýan nesiller barada alada etmek Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ileri tutýan ugurlarynyň biri bolmagynda galýandygyny belläp, munuň özi diňe bir milli syýasatymyzyň esasy bölegi bolman, eýsem, biziň milliligimiziň hem özenini düzýändigini uly buýsanç bilen belledi.

Ýurdumyzda maşgala gymmatlygynyň hem-de çagalaryň sagdyn bolup ýetişmegi ugrunda giň tagallalaryň edilýän döwründe haýyr-sahawat gaznasynyň işiniň baş maksady çagalara ýardam bermek, olaryň hukuklaryny, bähbitlerini goramak boýunça maksatlaýyn, örän anyk maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirmäge, olaryň saglygy üçin ähli zerur zatlar bilen üpjün etmäge gönükdirilendir.

Häzirki wagtda gazna diňe bir Türkmenistandaky howandarlyga mätäç çagalara kömek bermek bilen çäklenmän, eýsem, dünýäniň beýleki döwletlerindäki şeýle ýagdaýdaky çagalara-da ýakyndan goldaw berýär. Soňky döwürde Aziýadaky, Ýewropadaky, Ýakyn Gündogardaky haýyr-sahawat we ynsanperwer ugurly guramalar bilen gatnaşyklar ýola goýuldy hem-de goýulýar. Gaznanyň hasabyna Türkiýe Respublikasynda bolup geçen ýertitreme zerarly ejir çeken çagalara ynsanperwerlik kömegini bermek bilen, saglygy goramak üçin zerur bolan enjamlar, egin-eşikler, iýmit önümleri ugradyldy. Mundan başga-da, Ukrainanyň, Palestinanyň, Owganystanyň, Täjigistanyň, şeýle hem Russiýa Federasiýasynyň Primorsk sebitiniň çagalaryna ynsanperwerlik goldawy berildi.

**Gunçagül GARAMANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň akuşerçilik we ginekologiýa kafedrasynyň assistenti.*

# «SAGLYK» DÖWLET MAKSATNAMASY: HALK BÄHBITLI TÄZE BAŞLANGYÇLAR

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň iň şanly wakalarynyň biri boljak hemişelik Bitaraplygyň 30 ýyllygyna ildeşlerimiz zähmet üstünlikleri bilen barýar. Bu şanly ýylda Watanymyz üçin ýene bir taryhy seneleriň biri ýagny, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna 30 ýyl bolýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, ynsan saglygyny goramak, sagdyn durmuş ýörelgelerini rowaçlandyrmak, bedenterbiýäni we köpçülikleýin sporty işjeňleşdirmek babatda köp işler durmuşa geçirildi. Keselleri ir anyklamak, netijeli bejermek we öňüni almak boýunça öňdebaryjy usullary we innowasion tejribeleri işe ornaşdyrmak, ynsan ömrüniň dowamlylygyny uzaltmak, elýeterli hem-de ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlaryny üpjün etmek babatda üstünlikli netijeler gazanyldy.

Özgertmeleriň esasy ugurlarynyň biri hem lukmançylyk hyzmatlaryny bermegiň halkara standartlaryna laýyk gelmegine gönükdirilen öňdebaryjy lukmançylyk enjamlary bilen üpjün edilen iň häzirki zaman hassahanalaryň döredilmegidir. Şu ýyllaryň dowamynda halkara hyzmatdaşlygy – Ýewropanyň lukmançylyk merkezleri bilen hyzmatdaşlyk, giň tejribe alyşmak işjeň ösdürildi. Bilelikdäki ylmy gözleglere, ylmy maslahatlary, sergileri we maslahatlary guramaga uly üns berildi.

Gahryman Arkadagymyzyň saglygy goraýyş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak we kämilleşdirmek boýunça başyny başlan beýik başlangyçlary hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda dowam etdirilýär. Döwrebaplygy bilen tapawutlanýan saglygy goraýyş desgalary, saglyk maksatly iň täze enjamlar ynsanlaryň saglygyny goramaga giň mümkinçilik döredýär. Şeýle giň mümkinçilikleriň esasynda keselleriň öňüni almak, halkyň saglygyny berkitmek, şeýle hem ýurdumyzda durnukly we amatly arassaçylyk ýagdaýyny saklamak boýunça maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar.



Halkymyzda sagdynlyk ugurlaryna uly üns bermek asylly ýörelgä öwrülipdir. Asyrlarboýy kämilleşdirilip gelen şu ýörelgeleriň esasynda sagdyn ýaşamagyň syrlary öwrenilipdir. Häzirki döwürde lukmançylyk ylymlary ösdürilýär we ylmy garaýyşlar yzygiderli beýan edilýär. Esasan hem, ylmy edebiýatlarda beýan edilýän garaýyşlar ýaş hünärmenlere, talyplara öwredilýär. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde hem ýaş lukmanlary taýýarlamakda we olara bilim öwretmekde döwrebap işler alnyp barylýar. Şunda ylmyň iň täze gazananlary, lukmançylyk ylmynyň ugurlary çuňňur öwredilýär. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabyndan ugur alnyp, dermanlyk çig mallary taýýarlaýanlara we ýygnaýjylara bu ösümlikler barada bilimleriniň üstüni ýetirmek, olaryň gurluşy, ýaýrawy, himiki düzümi, ösüş şertleri, lukmançylyk tejribesinde peýdalanylyşy, şeýle-de ýygnamagyň möhleti, usullary, saklamagyň düzgünleri, ekologik ähmiýetliligi baradaky maglumatlary giňeltmek ylmy esasda öwredilýär.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynda kesgitlenen ugurlaryň biri hem ilatyň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini, sport hereketlerini ösdürmekdir. Häzirki döwürde ýaş nesliň sagdyn durmuşda ýaşamagy üçin sport desgalarynyň gurlup ulanmaga berilmegi, sport hereketleriniň ösdürilmegi, halkara derejesinde geçirilýän sport çäreleriniň rowaçlanmagy aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

**Firýuza BÝAŞIMOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Şanly ýylyň batly gadamlary

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistan durmuş-ykdysady ugurda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýär. 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibiniň üstünde işlemegi dowam etdirýän Türkmenistan garyplygy ýok etmäge, ählumumy energiýa, ulag baglanyşygyny berkitmäge, bütindünýä aragatnaşyk-tehniki serişdeleriniň, emeli aň ulgamlarynyň deňagramly ösüşine gönükdirilen anyk işleri amal etmegi maksat edinýär. Bu ugurda Türkmenistan Ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete (Sirkulýar ykdysadyýete) geçmek boýunça ählumumy Çarçuwaly maksatnamany işläp düzmäge, şeýle hem BMG-niň Ykdysady we Durmuş meseleleri boýunça departamentiniň, sebitleýin ykdysady komissiýalarynyň bäşisi bilen hyzmatdaşlykda BMG-niň 2026 – 2035-nji ýyllar döwründe «Durnukly ulagyň onýyllygyny» durmuşa geçirmek üçin Hereketleriň meýilnamasynyň taslamasynyň işlenilip düzülmegini hödürlemäge taýýarlyk görýär.

Netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginde ýokary derejedäki saparlara hem-de duşuşyklara aýratyn ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň ýokary derejeli maslahatlara gatnaşyp, öňe sürýän teklipleri syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmaga ýurdumyzyň taýýardygyny görkezýär. Bu bolsa umumy abadançylygyň bähbitlerine kybap gelýär.



Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hemişelik Bitaraplygymyzyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygynyň bellenilýändigi hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagyna 80 ýylyň dolýanlygy babatda has uly ähmiýete eýedir. Şu şanly seneler mynasybetli ýurdumyzda iri halkara çäreleriň birnäçesini geçirmek göz öňünde tutuldy. Eýýäm olaryň birnäçesi üstünlikli geçirilip, sebit we umumadamzat bähbitli maksatlary amala aşyrmakda anyk ädimler ädildi. Muňa mysal hökmünde diňe mart aýynyň dowamynda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 17 ýyllygy mynasybetli giň gerimli serginiň ýaýbaňlandyrylmagyny, «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forumyň, şeýle hem «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahatyň, Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherindäki halkara göçme maslahatyň, Arkadag şäherinde geçirilen Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Durnukly ösüş boýunça ministrler derejesindäki birinji forumynyň, «Halkara söwda we hyzmatlar» atly sergi-ýarmarkasynyň hem-de «Türkmenistanda halkara ülňülere laýyk gelýän hil üpjünçiligi» atly halkara maslahatynyň geçirilmegini görkezmek bolar. Bu çärelere goňşy döwletlerden we yklymyň beýleki ýurtlaryndan, halkara guramalardan hem-de maliýe düzümlerinden köp sanly wekiliýet gatnaşdy.

Ýakynda bolsa paýtagtymyz Aşgabatda halkara sport ýaryşy ýaýbaňlandyryldy. Ýewropa we Aziýa ýurtlarynyň 13-sinden türgenleriň gatnaşmagynda geçirilen sportuň milli we guşakly alyş göreşi boýunça halkara ýaryş milli sportumyzyň nobatdaky üstünligi bilen tamamlandy. Bu ýaryş geçen ýylyň maý aýynda GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisinde Aşgabadyň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilmegine bagyşlanan çäreleriň maksatnamasynyň çäklerinde geçirildi. Şeýlelikde, ildeşlerimiz halkara ýaryşyň iki görnüşinden 12 altyn, 10 kümüş we 6 bürünç – jemi 28 medal gazandylar we Türkmenistanyň sportuň hem-de ruhubelentligiň ýurdudygyny ýene bir gezek görkezdiler.

**Ruslan HOJIÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
## gysga setirlerde



**Aýyň topragy bilen tanyşdyryldy.** Hytaý Aýyň arka tarapyndan getirilen 2 kilogram mukdardaky topragyň köpçülige görkezilişini gurady. Ol Ýere geçen ýyl getirilipdi. HHR Aýyň arka tarapynda «Çanýe-6» asman enjamyny gonduran we toprak alyp, Ýere getiren ilkinji ýurt bolupdy.



**Iň meşhur kenarlar anyklandy.** ABŞ-nyň syýahatçylyk saýty «TripAdvisor»-yň bilermenleri dünýädäki iň meşhur kenarlary anyklap, iň gowy kenarlaryň sanawyny düzdüler. Sanawda birinji orna Gresiýadaky Elafonisi kenary mynasyp boldy. Ikinji orna Tailanddaky Banan kenary, üçünji orna bolsa, Arubadaky Igl-Biç kenary mynasyp boldy.



**Ramses III ýazgysy tapyldy.** Iordaniýanyň Wadi-Ram goraghanasynda gadymy Müsür faraony Ramses III degişli iýeroglif tapyldy. Onda faraonyň ady we onuň tagt ady görkezilipdir. Ramses III Müsüri, takmynan, miladydan öň 1185-1153-nji ýyllarda dolandyrypdyr. Ol Täze şalygyň soňky faraony hökmünde tanalýar.



**Çingiz han döwrüniň artefaktlary.** Russiýaly arheologlar Krasnoýarsk ülkesindäki Ýeniseýsk muzeýinde saklanýan Mongol imperiýasynyň XIII-XIV asyrlara degişli artefaktlaryny içgin öwrenmäge girişdiler. Bu artefaktlar 1960-njy ýyllardan bäri muzeýiň ammarynda saklanýardy.



**Mars ýaryşynda öňdäki ýurt.** Hytaý «Týanwen-3» missiýasyny 2028-nji ýylda uçurmagy we 2031-nji ýylda 600 gram mars topragyny Ýere getirmegi meýilleşdirýär. Häzirki wagtda Hytaý Marsdan toprak getirmek we taýkonawtlary Aýa ugratmak ýaly maksatnamalaryny batyrgaý dowam etdirýär. Hytaýyň bu ugurdaky täsiri barha artýar.



**XIX asyryň söýgi hatlary tapyldy.** Günorta Men uniwersitetiniň (ABŞ) kampusynyň abatlaýyş işlerinde XIX asyrda ýazylyp, gizlenen söýgi hatlary tapyldy. Hatlar 1806-njy ýylda gurlan Akademiýanyň binasyndan tapyldy. Öň ol ýerde talyplara niýetlenen taýýarlyk mekdebi ýerleşýärdi. Hatlar diwarlar bilen pol tagtalarynyň arasynda gizlenipdir.



**Täze reňk tapyldy.** Amerikan alymlary täze reňkiň tapylandygyny mälim etdiler. Mawy öwüşgini diňe gözüň torly perdesine lazeriň täsir etmegi arkaly görüp bildiler. Täze reňke «olo» diýlip at berildi.



**Kanunlary emeli aň ýazar.** Birleşen Arap Emirlikleri täze kanunlary ýazmakda, olara täzeden garap, üýtgeşmeleri girizmekde emeli aňy ulanjak ilkinji ýurt bolar. Bilermenler BAE-niň milliardlarça dollar maýa goýan bu başlangyjyny «şeýle tehnologiýany peýdalanmaga düýpli synanyşyk» diýip baha berýär.



**Nuhuň gämisiniň gözleginde.** Arheologlar topary «Noah's Ark Scans» taslamasynyň çäklerinde Türkiýäniň Ararat dagynda Nuhuň gämisiniň çen bilen ýerleşýän ýerini öwrenerler. Olar äpet gäminiň ýer astynda gömlüp ýatan bolmagy mümkin diýip çaklaýarlar. Alymlar ilki bilen bu ýerde ylmy-barlag işlerini geçirmegi meýilleşdirýärler.




**Dünýäniň iň owadan zenany.** «People» žurnaly meşhur amerikan aktrisasy Demi Mury 2025-nji ýylyň iň owadan adamy diýip ykrar etdi. 62 ýaşly ýyldyz daşky keşbinde ýaş üýtgeşmelerini görýändigini, ýöne olaryň öz bahasyny kesgitlemeýändigini belledi. «People» her ýyl dünýäniň iň owadan adamyny yglan edýän ýörite sanyny çap edýär.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1930-njy ýylyň 2-nji maýynda Nižnyý-Nowgorodda Gorkiý awtoulag zawodynyň düýbi tutulyp, 1932-nji ýylyň ýanwarynda «Ford Model AA» ulagynyň nusgasy bolan NAZ-AA ýük ulagy öndürilip başlanýar.**



# RIM PAPASY SAÝLANAR

**Täze Rim Papasynyň saýlanmagy 7-nji maýda başlanar. Watikanyň konklawy (Kardinallaryň ýygnagy) täze Rim Papasyny saýlamak üçin Sikstin ybadathanasynda jemlenerler. Watikan 21-nji aprelde 88 ýaşynda aradan çykan Rim Papasy Fransiskden soň indiki papanyň konklawyna taýýnlyk görüp, Sikstin ybadathanasyny wagtlaýyn ýapdy. Katolik buthanasynyň taryhynda ilkinji gezek ýewropaly kardinal saýlawçylar konklawda köplük bolup bilmez. Täze papanyň saýlanmagyna ses berişlik kardinallaryň ýapyk maslahatynda geçiriler.**

Kardinallar toparynyň 252 agzasy bolup, olardan konklawa gatnaşýan 135 kardinalyň ses bermäge hukugy bar. Olaryň arasynda 80 ýaşa çenli kardinallar bolup, olaryň her birini Papa tagty üçin dalaşgär hasaplap bolar. Sikstin ybadathanasynda geçýän konklawda, her gün dört ses berişlik guralýar. Saýlanmak üçin sesleriň dörtden üç bölegini gazanmak gerek.

Rim-katolik ybadathanasynyň täze başlygynyň saýlanandygyny Keramatly Pýotryň meýdanyndan oňat görünýän turbadan ak tüsse çykarmak bilen mälim edýärler. Turbadan gara tüsse goýbeilse, ses berişligiň netijesiz bolandygyny aňladýar.

26-njy aprelde Keramatly Pýotryň tagtyny 2013-nji ýyldan bäri eýeläp gelýän 266-njy Rim Papasy Fransiskiň jesedi Santa Mariýa Majora ybadathanasynda jaýlandy. Fransiskiň jaýlanyş çäresine dünýä liderleriniň köpüsi we ýüzlerçe müň adam gatnaşdy. Konklaw başlamazdan öň dokuz günlük ýas çäresi geçirilýär.



# Liberal partiýa ýeňiş gazandy

28-nji aprelde Premýer-ministr Mark Karniniň ýolbaşçylygyndaky Kanadanyň dolandyryjy Liberal partiýasy ýurtda geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Şeýle-de bolsa, partiýa jemgyýetçilik palatasynda (parlamentiň aşaky palatasy) köplük alyp bilmedi, şonuň üçin azlyk hökümetini gurmaly bolar.

Sesleriň 100 göterimi sanalandan soň liberallaryň 343 saýlaw okrugynyň 165-sinde öňde barýandygy belli boldy. Olar ýeňiş gazanmak üçin 172 orun almalydy. Kanadanyň Konserwatiw partiýasy 147 saýlaw okrugynda goldaw aldy. Üçünji orunda 23 saýlaw okrugynda goldaw alan Kwebek blogy bar.

Netijede, jemgyýet palatasynda Liberal partiýa 168 orun, Konserwatiw partiýa 144 orun, Kwebek blogy 23 orun, Täze Demokratik partiýasy 7 orun, «Ýaşyllar» 1 orun eýelär.

Liberallar 2015-nji ýyldan bäri Kanadanyň parlamentinde köplük gazanyp bilmän gelýär. Kanadada parlament saýlawlary oktýabr aýynda meýilleşdirildi. Ýöne mart aýynda Liberal partiýanyň Lideri Jastin Trýudo wezipesinden çekilenden soň, onuň ýerine Mark Karni geçip, aprel aýynda nobatdan daşary saýlawlaryň geçiriljekdigini mälim edipdi. Şeýlelikde, öň Kanadanyň we Beýik Britaniýanyň merkezi banklaryna ýolbaşçylyk eden 60 ýaşly Karni ýurduň täze hökümetine ýolbaşçylyk eder.




# ÜÇÜNJI MÖHLETE SAÝLANMAKÇY

Gresiýanyň Premýer-ministri Kyriakos Misotakis jemgyýetçilik goldawy bolan ýagdaýynda üçünji möhlete dalaş etmekçidigini aýtdy. Ol «Protothema.gr» web saýtyna beren interwýusynda nobatdan daşary saýlawlar ýada saýlaw kanunçylygynda bolup biljek üýtgeşmeler baradaky gürrüňleri ret etdi.



Sentýabr aýynda Saloniki halkara ýarmarkasynda eden çykyşynda Premýer-ministr hökümetiň orta gatlak üçin salgyt ýeňilliklerini giňeltmäge ünsüni jemlejekdigini aýtdy. Ol soňky administratiw özgertmelere çemeleşmesiniň mysaly hökmünde ýaşaýyş jaý kärendesine subsidiýalar we pensiýa ýaly soňky ykdysady başlangyçlar barada durup geçdi.

Ilkinji gezek 2019-njy ýylda sesleriň köpüsini gazanyp wezipesine girişen K. Misotakis, 2023-nji ýylda gaýtadan saýlandy.

# «Disney Adventure» gämisiniň gurluşygy ahyrlaýar

Germaniýanyň Wismar şäherinde syýahat üçin niýetlenen «Disney Adventure» gämisi angardan çykaryldy. Gäminiň uzynlygy 342 metre, ini bolsa, 46 metre deň. Häzirki wagtda dünýäniň iň uly gämileriniň biri bolan bu laýnerde ahyrky işler, şol sanda, tüsse turbalarynyň we attraksionlaryň gurnama işleri dowam edýär.



6 müň 700 ýolagça we 2 müň 500 ekipaž agzasyna niýetlenen bu gäminiň bahasy birnäçe milliard ýewro barabar. Bortda ýedi tematiki zolak, şol sanda akwapark, garbanyşhana we iň uzyn demir ýol depejigi (roller coaster) bolan seýilgäh bar. Işler doly tamamlanandan soň, gämi Singapura, ýagny geljekki portuna tarap ugur alar. Ilkinji ýolagçy gatnawy ýylyň ahyrynda meýilleşdirilýär.

Ýolagçylara 18 müň ýewro 165 inedördül metr meýdanly kaşaň otaglar, şeýle-de üç gije üçin 1 müň 100 ýewro baha bilen arzan otaglar hem hödürlener. Häzir Wismarda täze gäminiň duran ýerine gezelençler guralýar. Gämä golaýlaşmaga rugsat berilmeýär, ýöne belli bir aralykdan synlap, surata düşüp bolýar.

# TÄZE TASLAMA HÖDÜRLENDI

Saud Arabystanynyň häkimiýetleri ýurduň paýtagty Er-Riýadyň demirgazygynda guruljak täze sebitiň baş meýilnamasyny hödürledi. Paýtagtyň bu sebiti talabalaýyk şähere öwrüler we beýikligi iki kilometrden gowrak bolan dünýäniň iň beýik binasy onuň iň esasy desgasy bolar. Şeýle-de, bu sebitde ýaşaýyş jaýlary, söwda we syýahatçylyk merkezleri, lukmançylyk we bilim edaralary, şeýle hem güýmenje toplumlary bolar.



Täze «geljegiň şäheri» üçin baş meýilnamany «Skidmore, Owings we Merrill» (SOM) amerikan binagärlik kompaniýasy işläp düzdi. Bu kompaniýa 1936-njy ýylda Çikagoda binagärler Luis Skidmor we Nataniel Ouings tarapyndan esaslandyrylýar. SOM häzirki wagtda dünýäniň iň beýik binasy bolan Dubaýdaky «Burj-Halifanyň», şeýle hem Çikagodaky «Willis-Toweriň» we Nýu-Ýorkdaky «One» Bütindünýä söwda merkeziniň taslamalaryny işläp düzdi. Häzirki wagta çenli bu kompaniýa dünýäniň 50 ýurdunda, çen bilen, 10 müňden gowrak taslamany amala aşyrdy we 800 töweregi baýrak aldy, şol sanda iki gezek «Ýylyň binagärlik kompaniýasy» adyna eýe boldy.

# Emeli aň okuw meýilnamasyna girizilýär

Hytaýyň häkimiýetleri ylym-bilim özgertmeleriniň çäklerinde emeli aň (AI) maksatnamalaryny bilim işlerine, okuw kitaplaryna we mekdep okuw meýilnamalaryna girizýärler. Başlangyç, orta we ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna gönükdirilen bu ädim, dünýäde ikinji orunda durýan ykdysadyýetiň innowasiýa itergi bermäge hem-de täze ösüş çeşmelerini tapmaga tagalla edýän döwrüne gabat geldi.

Bilim ministrligi emeli aňyň ösdürilmeginiň mugallymlaryň we okuwçylaryň esasy ukyplaryny hem-de innowasiýa zehinleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ösdürmäge kömek etjekdigini habar berdi. Emeli aňyň ulanylmagy innowasion we çylşyrymly sapaklaryň döremegine sebäp bolýar.

Bu çäreler Hytaý uniwersitetleriniň emeli aň boýunça sapaklary ýola goýmagy we bu ugurda talyplarynyň sanyny artdyrmagy bilen has-da giňeldilýär. Çünki «DeepSeek» startapy ýanwar aýynda bäsdeşlige ukyply iri dil modelini ýola goýup, bütin dünýäniň ünsüni özüne çekdi. Ýylyň başynda Hytaý bu maksada ýetmek üçin innowasiýalaryň netijeliligini ulanmaga gönükdirilen 2035-nji ýyla çenli «güýçli bilim döwletini» gurmak boýunça ilkinji milli hereket meýilnamasyny hem yglan etdi.



# Kaliforniýa öňe geçdi

ABŞ-nyň Kaliforniýa ştaty jemi içerki önüm (JIÖ) boýunça Ýaponiýadan öňe geçip, dünýäde dördünji uly ykdysadyýet boldy. Bu barada gubernator Gawin Nýusomyň administrasiýasynyň web sahypasynda habar berildi. Onuň sözlerine görä, 2024-nji ýylda ştatyň ýyllyk girdejisi 4,1 trillion dollara barabar bolup, ABŞ-dan, Hytaýdan we Germaniýadan soň dördünji orny eýeledi. Bu barada Halkara pul gaznasynyň (HPG) iň soňky hasabatynda we ABŞ-nyň Ykdysady seljeriş býurosynyň statistikasynda tassyklanýar.

Kaliforniýanyň ykdysadyýeti durnukly ösýär, 2023-nji ýylda jemi içerki önüm 6%, 2021-nji ýyldan 2024-nji ýyla çenli ortaça 7,5% ösüp, bu görkeziji dünýäniň ilkinji üç ykdysadyýetinden has ýokary boldy. «Bloomberg» agentligi 2022-nji ýylyň oktýabr aýynda Kaliforniýanyň dünýäde dördünji uly ykdysadyýete öwrülip biljekdigini habar beripdi.

Häzirki wagtda Kaliforniýada, takmynan, 40 million adam ýaşaýar. Şeýlelikde, ol ABŞ-nyň iň köp ilatly ştaty bolup durýar we ýurduň umumy ilatynyň 12 göterimini özünde jemleýär. Ştatyň JIÖ-i ABŞ-nyň umumy ykdysadyýetiniň 14 göterimini düzýär.



# Demir ýol gurluşygy barada ylalaşyk

Gazagystanyň Söwda we integrasiýa ministrligi bilen Owganystanyň Jemgyýetçilik işleri ministrliginiň arasynda teswirnama gol çekilip, taraplar Turgundy-Hyrat-Kandagar-Spinboldak demir ýolunyň gurluşygyna gatnaşmak isleýändiklerini tassykladylar.

Gazagystanyň Premýer-ministriniň resmi maglumat çeşmesine salgylanyp habar berlişi ýaly, teswirnama Premýer-ministriň orunbasary - Milli ykdysadyýet ministri Serik Žumangariniň Owganystana amala aşyran saparynyň çäklerinde gol çekildi.

Indiki ädim ulag we logistika pudagyndaky hyzmatdaşlyk boýunça şertnamanyň baglaşylmagy bolar. Onuň çäklerinde «Turgundy-Hyrat» bölüminde demir ýoluň gurluşygynyň, zerur infrastrukturanyň, şeýle hem Hyrat şäherinde ulag we logistika merkeziniň gurluşygynyň başlangyjy kesgitlener.

Bu taslama sebitdäki tranzit ýük gatnawlaryny giňeltmek, Merkezi we Günorta Aziýanyň arasynda ulag we logistika baglanyşyklaryny berkitmek we Hindi ummany portlaryna girişi üpjün etmek nukdaýnazaryndan Gazagystan üçin aýratyn ähmiýete eýedir. Täze demir ýol ugry geljekde Owganystanyň çäginden geçýän we günorta tarapda ýük daşamak üçin iň gysga ýoly üpjün etjek transmilli geçelgede möhüm baglanyşyk bolar. Demir ýoluň gurluşygy bilen birlikde optiki süýümli kabel geçirijisini çekmek hem meýilleşdirilýär.



# Şanhaýda awtoulag sergisi geçirildi

Şu gün – maý aýynyň 2-sine Şanhaýda 21-nji Halkara awtoulag senagaty sergisi öz işini tamamlaýar. 10 gün dowam eden sergä 1,3 milliondan gowrak adam baryp gördi. Serginiň geçirilen günlerinde täze ulag kysymlarynyň 100-den gowragy hödürlendi.

Germaniýanyň, ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň, şol sanda Hytaýyň okgunly ösýän awtoulag kärhanalarynyň öndürijileri täze ulaglary bilen tanyşdyrdylar. Sergä dünýäniň 26 ýurdundan we sebitlerinden müňden gowrak kompaniýa gatnaşdy. Öndürijiler robotlar, uçýan modully pilotsyz ulaglar we öz-özüni dolandyrýan tigirli karaoke-beketler bilen myhmanlaryň ünsüni özüne çekmegi başardylar.

Sergide «Audi», «Bentley», BMW, «Cadillac», «Mazda», «Nissan», «Mercedes-Benz», «Ford», «Honda», «Porsche», «Toyota», «Volkswagen», «Volvo» we beýleki meşhur awtoulag öndürijileriň täze önümleri görkezildi. Olar bilen Hytaýyň BYD, «Exeed», «Li Auto», «Hongqi», «Xiaomi», «XPeng», «Zeekr» ýaly onlarça kompaniýalarynyň önümleri bäsleşýärler.

Häzirki wagtda ulag önümçiliginde işjeň bäsleşýän Hytaý dünýäde iň uly awtoulag bazary bolup, tehnologiýalar hem-de «akylly» ulaglar pudagynda barha öňe ilerleýär. Şanhaýyň Halkara awtoulag senagaty sergisi 1985-nji ýylda esaslandyrylyp, her iki ýyldan bir gezek geçirilýär.




# KEÝESIZ TIGIRLI WELOSIPED

**Koreýa Respublikasynyň «Kosmos» kompaniýasy öňdäki tigri keýesiz bolan «FS» elektrowelosipedini hödürledi. Agramy 22 kilogram bolan welosipedi gysga wagtda ikä epläp, ýygnap bolýar. Welosipediň bu aýratynlygy ony saklamagy we daşamagy ýeňilleşdirýär. Keýesiz tigirler welosipediň agramyny hem-de howa garşylygyny azaldýar. Netijede, welosiped has akgynly hereket edýär. 750 wattlyk hereketlendiriji bilen enjamlaşdyrylan bu model tizligini sagatda 32 kilometre çenli artdyryp bilýär. Welosipedde tizligi emaý bilen üýtgetmäge mümkinçilik berýän merkezi geçiriji ulgam bar. Welosipediň şinalary berk bolup, bu ýagdaý tigri ýarylmakdan goraýar. Kämil togtadyjy ulgam bilen abzallaşdyrylan welosipediň ruly displeý bilen üpjün edilen. Häzirki wagtda bu welosipedi 1500 dollar töläp, öňünden sargyt edip bolýar. Köpçülikleýin satuwy başlandan soň elektrowelosipediň bahasy 3500 dollara çenli ýokarlanar.**




Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# KENIÝA – MILLI SEÝILGÄHLERIŇ ÝURDY

Afrikanyň gündogarynda ýerleşýän Keniýa Respublikasy geografik taýdan amatly ýerde ýerleşmegi, howasy, köp milletli ilaty we garly daglary bilen tapawutlanýar. Yklymyň iň ösen ýurtlarynyň biri bolan Keniýanyň 52 milliondan gowrak ilaty bar. Ýurduň paýtagty we iň uly şäheri Naýrobi bolup, Hindi ummanynyň kenarynda ýerleşýän Mombasa şäheri ýurduň esasy port şäheri hasaplanýar. Bulardan başga-da, ýurduň esasy şäherleriniň hatarynda Kisumu we Nakuru hem bar. Keniýa demirgazyk-günbatarda Günorta Sudan, demirgazykda Efiopiýa, gündogarda Somali, günbatarda Uganda, günortada Tanzaniýa bilen serhetleşýär. Ýurduň esasy bölegini safariler, jülgeler we sawannalar emele getirip, günbatar böleginde gurak howasy bolan Çalbi hem-de Niri çölleri ýerleşýär. Keniýanyň iň belent nokady üsti buz we gar bilen örtülen Keniýa dagy bolup, beýikligi 5 müň 199 metre ýetýär. Ýurduň çäginden iki sany halkara awtoulag ýoly (Kair-Keýptaun, Lagos-Mombasa şaýollary) we demir ýol geçýär. Ýurtda 15 sany howa menzili bar.





580 müň 367 inedördül kilometr meýdany eýeleýän Keniýanyň ilatynyň esasy bölegini hadza halky emele getirýär. Ökde awçylar bolan bu taýpa has irki ýyllarda Keniýanyň obalarynda mesgen tutupdyr. Soňlugy bilen esasy käri çopançylyk bolan beýleki taýpalar hem göçüp barypdyrlar. 1963-nji ýylda Garaşsyzlygyny alan Keniýa birnäçe halkara guramalaryň agzasydyr. Keniýanyň iki sany resmi dili bolup, ilatyň esasy bölegi iňlis we suwaýili dillerinde gepleşýärler. Ýurtda ýerli taýpalaryň arasynda 69 dil ulanylýar. Keniýanyň ykdysadyýetinde çaý, kofe we ter güller ýaly oba hojalyk önümleri, tokaý hojalygy hem-de balykçylyk öňdäki orny eýeleýär. Ýurduň esasy bölegi tropik howa guşaklygynda ýerleşip, mart we aprel aýlarynda «uzyn ýagynly» möwsüm bolýar. Ýaz paslynda käte suw joşmalary netijesinde jülgelerde we safarilerde kiçiräk köller emele gelýär. Kä ýyllar ýurtda uzak wagtlap gurakçylyk hem bolýar.

Afrikanyň syýahatçylyk pudagynda ösen ýurtlarynyň biri bolan Keniýa ýabany tebigaty, safarileri we medeni däp-dessurlary bilen jahankeşdeleriň ünsüni özüne çekýär. Masai Mara, Amboseli we Tsawo ýaly milli seýilgähleri ýurduň iň meşhur ýerleri hasaplanýar. Keniýa barýan syýahatçylar milli seýilgählere gezelenç etmek bilen bir hatarda, ulagly safarileri aýlanyp, ýolbarslaryň, pilleriň, žiraflaryň we zebralaryň täsin hereketlerini ýakyndan synlamaga mümkinçilik alýarlar. Her ýyl ýaz paslynyň gelmegi bilen safarilerde gezip ýören ýabany jandarlar Mara derýasynyň ugry bilen Masai Mara milli seýilgähine göçýärler. Afrikanyň «uly bäşlik» diýlip atlandyrylýan jandarlary: ýolbars, gaplaň, ýabany öküz, kerk we pil, esasan, Masai Mara milli seýilgähinde duş gelýär.

Ýurduň günorta-gündogarynda «Mombasa», «Diani Beach» we «Galu Beach» kenarýaka dynç alyş merkezleri bar. Bu dynç alyş merkezleri medeniýetli dynç almaga, deňziň täsin tebigatyny synlamaga mümkinçilik berýär. Täsin başdangeçirmeleri halaýanlar üçin Keniýa dagynda egrem-bugram dag ýodalary we Ngong depeleri bar. Bu ýollara pyýada gezelenç etmek bilen dag tebigatyny we Keniýanyň täsin gözelliklerini synlap bolýar. Ýurtda milli seýilgähleri we ýabany jandarlary goramak maksady bilen 2017-nji ýylda bir gezeklik ulanylýan plastik önümler gadagan edildi.

Keniýa aşhanasynda Afrika, Hindi we Ýewropa tagamlary öňdeligi eýeleýär. Mekgejöwen unundan bişirilýän ugali, geçi we sygyr etinden köze daglanyp bişirilýän «nyama choma» we palaw ýurduň iň meşhur tagamlary hasaplanýar. Keniýa her ýyl 2 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

# Näme üçin käbir adam uklap ýatyrka gepleýär?

**Käbir adam uklap ýatyrka öz-özi bilen gepleşýär ýa-da töweregindäkileriň adyny tutup, bir zatlar samraýar. Hatda ukuda gepläninde duýgularyny beýan edip, gülüp ýa-da aglap hem bilýär. Emma oýananda näme bolandygyny ýa-da näme diýenini ýadyna salyp bilmeýär. Eýsem, uklap ýatyrkaň geplemegiň sebäpleri näme?**

Uklap ýatyrkaň geplemek «somniloquy» diýlip atlandyrylýan parazomniýanyň (uky bozulmasy) bir görnüşidir. Ýatyrkaň geplemek ukynyň islendik wagtynda ýüze çykyp biler. Adam uklap ýatyrka edil huşundaky ýaly sözlemleri ýerbe-ýer we doly aýdyp bilýär. Käte bolsa düşnüksiz bolan başga dilde ýa-da başga ses äheňinde hem käbir zatlary aýdyp bilýär.



Hünärmenleriň bellemegine görä, ukuda geplemek zyýanly hasaplanýar. Häzirlikçe bu ýagdaýyň näme sebäpden ýüze çykýandygy anyk kesgitlenilmedi. Ýöne bellenilişine görä, bu ýagdaý beýniniň işi bilen baglanyşyklydyr. Mundan başga-da, bu ýagdaýyň dem alyş ulgamy we stres bilen bagly bolmagynyň ähtimaldygy aýdylýar.

Hünärmenler ukuda ýatan adamlaryň gepleşigini üç topara bölýärler. Iň köp ýaýran görnüşde ukudaky adam gygyrýar, iňňildeýär ýa-da birnäçe gysga we manysyz sözleri aýdýar. Seýrek duş gelýän beýleki görnüşde uklap ýatan adam sazlaşykly sözlemleri aýdyp, uzak wagtlap gepleýär. Bu daşyndan göräýmäge, oýa ýatan adamyň kadaly gepleýşi ýaly görünýär. Başga bir görnüşde has seýrek duş gelýän ýagdaý bolup geçýär. Ukudaky adam birnäçe minutlap çalt we yzygiderli gepleýär. Muňa başgaça, logoreýa diýilýär.

**Ýatyş tertibi ýa-da düýş görmek bilen baglymy?**

Uklap ýatyrkaň geplemek ýa-da gygyrmak düýş görmek bilen birmeňzeş däl. Düýşdäki wakalar ukynyň belli bir aralygynda ýüze çykýar. Emma geplemek uzak wagtlap ýa-da üzlem-saplam dowam edýändigi bilen tapawutlanýar.

**Nädip öňüni almaly?**

Hünärmenleriň bellemegine görä, ukuda gepleýän adamlar stresden, dartgynly ýagdaýlardan gaça durmaly. Şeýle hem gün tertibini kadaly ýöredip, her gün şol bir wagtda we şol bir aralykda uklamaga çalyşmaly. Köplenç ýadawlyk, uzak wagtlap derman serişdelerini içmek we zyýanly endikler hem ukynyň hiliniň peselmegine sebäp bolýar. Uklap ýatyrkaň geplemegiň öňüni almak üçin ýatmazdan öň elektron enjamlardan uzaklaşmaly, ýatylýan otagy ýelejiretmeli, özüňe oňaýly bolan düşek we ýassyk saýlamaly. Şeýle hem kadaly uklamak üçin ýatylýan otagyň sessiz we garaňky bolmagyny üpjün etmeli.

# Magniý ýetmezçiliginiň alamatlary

**Soňky geçirilen barlaglarda magniý ýetmezçiliginiň diňe fiziki taýdan däl, eýsem, beýniniň işjeňligine hem ýaramaz täsir edip biljekdigi ýüze çykaryldy. Stres, nädogry iýmitlenmek we durmuşdaky daşky täsirler magniý ýetmezçiligine sebäp bolýar. Esasan hem, ýürek-damar ulgamyndaky nähoşluklar magniý ýetmezçiliginiň täsirinden döreýär. Hünärmenler beden üçin zerur bolan bu mineraly ýeterlik derejede kabul etmegiň (iýmegiň) zerurdygyny belleýärler.**




**Magniý näme?**

Magniý (Mg) adam bedeni üçin peýdaly möhüm minerallaryň biridir. Magniý nerw damarlaryndan we myşsalardan başlap, immuniteti berkitmekde, ýürek urşuny kadalaşdyrmakda, süňkleri berkitmekde we gandaky şekeriň derejesini kadalaşdyrmakda uly ähmiýete eýedir. Bedende magniniň 60 göterimi dişde we süňklerde, 39 göterimi dokumalarda hem-de 1 göterimi ganda saklanýar.

**Magniý ýetmezçiliginiň sebäpleri?**

- ☑ Az we nädogry iýmitlenmek
- ☑ Stres bilen ýygy-ýygydan ýüzbe-ýüz bolmak
- ☑ Aşgazan agyrysy
- ☑ Süýji keseli
- ☑ Artykmaç derman serişdeleri
- ☑ Zyýanly endikler
- ☑ Garrylyk alamatlary

Bedende magniniň derejesi peselende myşsalaryň agyrmagy, güýjüni ýitirmegi, ýadawlyk, gowşaklyk, işdäsizlik, ukynyň bozulmagy, ünssüzlik, kellagyry, ýürek urşunyň üýtgemegi we ýüregiň bulanmagy ýaly alamatlar ýüze çykýar. Magniý ýetmezçiligi saçyň dökülmegi, çişiň döremegi, akyl bulaşyklygy ýaly ýagdaýlara hem sebäp bolup biler.

**Haýsy iýmitleri iýmeli?**

Magniý ýetmezçiligi ýüze çykan halatynda bu ýagdaýyň öňüni almagyň iň oňat usullarynyň biri iýmitlenişi we iýmit sanawyny üýtgetmekdir. Ýokary hilli undan taýýarlanan iýmitlerden we şekerden gaça durmaly. Iýmit sanawyna düzüminde köp mukdarda magniý saklaýan iýmitleri goşmaly. Bu iýmitlere ysmanak, brokkoli ýaly gök önümler, kädiniň, günebakaryň çigidi, badam, hoz ýaly maňyzlar, däneli iýmitler, banan, awakado ýaly miweler, süýt önümleri, balyk, guradylan ir-iýmişler we gara şokolad degişli.

## ÇAGALAR

**2016-njy ýylda öýjükli telefonyň «Bluetooth»-yna birikdirilýän «akylly» saýawan işlenip düzüldi.**

# DEŇZIŇ DÜÝBÜNDÄKI SYRLY JANDARLAR

**Ummanlar we deňizler suwasty gözellikleri hem-de dürli görnüşli jandarlary bilen täsin dünýäni emele getirýär. Maglumatlara görä, deňizlerde jandarlaryň 260 müňden gowrak görnüşi ýaşaýar. Bu jandarlaryň köpüsi suwuň ýüzünde, ýokarky akymlarynda duş gelýän bolsa, käbir deňiz jandaryny görmek üçin suwuň birnäçe kilometr düýbüne gitmeli bolýar. Deňizleriň müňlerçe metr aşagynda daşky görnüşi bilen görenleri haýran galdyrýan jandarlar hem bar. Geliň, täsin deňiz jandarlarynyň käbiri bilen tanyş bolalyň!**



**Ýyrtyjy mollýusk.** Deňizleriň düýbünde ýaşaýan seýrek duş gelýän jandarlaryň biri hem ýyrtyjy mollýuskdyr. Bu jandaryň ylmy ady «Vampyroteuthis infernalis» bolup, ne ýyrtyjy, ne-de mollýusk diýen manyny berýär. Ýelpewaja meňzeş agzy bolan iki gulakly, ullakan gözli bu täsin jandar plankton, suwoty we organiki galyndylar bilen iýmitlenýär. 1903-nji ýylda ylmy taýdan köpçülige mälim edilen bu deňiz jandary ýalpyldawuk şepbik bölüp çykaryp, duşmanlaryndan goranýar.

**Dambo osminog.** Disneýiň meşhur animasiýasy Dambo piljagaza meňzeýän sekiz aýakly osminog ummanlaryň iň çuň ýerinde ýaşaýar. 2019-njy ýylda Hindi ummanynyň Ýawa (Sunda) çöketliginden 7 kilometr çuňlukda hasaba alnan bu deňiz jandary gurçuk, midiýa we ownuk deňiz jandarlary bilen iýmitlenýär.

**Ýalpyldawuk ulitka.** «Deňiz şarlawugy» diýlip atlandyrylýan täsin deňiz ulitkasy ösümlikler ýaly özüni fotosintez edýär. Ownujak deňiz otlary bilen iýmitlenýän bu jandar iýýän ösümliklerinden hloroplastlary (fotosintez döredýän organ) aýyrýar we olary öz bedeninde birleşdirýär. Şeýlelik bilen, ýalpyldawuk deňiz ulitkasy Gün energiýasyny himiki energiýa öwürmek bilen ýaşamagyny dowam edýär. Biologik gurluşy taýdan seýrek duş gelýän bu jandar alymlaryň ünsüni özüne çekýär.

**Deňiz kebelegi.** Daşky görnüşi ertekilerdäki perişdelere meňzeýän deňiz kebelegi (gymnosomata) ýyrtyjy deňiz jandarlarynyň bir görnüşidir. Bu jandar myşsalardan emele gelen ganatlarynyň kömegi bilen ýüzüp bilýär. Maňlaýynda iki sany şahy bolan deňiz kebelegine başgaça, deňiz perişdesi hem diýilýär.

**«Gülli şlýapa» meduzasy.** Ýaponiýanyň, Braziliýanyň we Argentinanyň kenarlarynda duş gelýän bu reňkli meduza gapdallary seçekli çadyra meňzeş açyk göwresi bilen balyklary gapana düşürýär. Owadan reňkli bu deňiz jandarlary her ýyl howanyň maýlap, suwuň ýylamagy bilen has-da köpelýär.



## SAÝAWAN BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- **Häzirki zaman saýawanlary suw geçirmeýän teflon matadan öndürilýär.**
- **Saýawan önümçiliginde Hytaý öňdeligi eýeleýär. Bu ýurtda saýawan öndürýän 500 töweregi uly kärhana bolup, her ýyl 560 million saýawan eksport edilýär.**
- **Polat lentaly saýawanlar 1852-nji ýylda Samuel Foks tarapyndan oýlanyp tapylýar.**
- **1965-nji ýylda Kennet Harz itler we pişikler üçin saýawan oýlap tapýar.**
- **Ilkinji açylyp-ýapylýan saýawan 1969-njy ýylda Bredford Filips tarapyndan işlenip düzülýär.**
- **2011-nji ýylda ekologiýa taýdan arassa saýawan ýasaldy. «Ýaşyl» saýawan ösümlik materiallaryndan, şeýle hem gaýtadan işlenen «Coca-Cola» çüýşelerinden öndürildi.**
- **2016-njy ýylda öýjükli telefonyň «Bluetooth»-yna birikdirilýän «akylly» saýawan işlenip düzüldi. Bu saýawan eýesine howa maglumaty barada SMS edýär.**
- **2018-nji ýylda Ýaponiýada uçýan saýawan işlenip düzüldi. Bu saýawan utgaşykly hereket edip, eýesini ýagyşdan goraýar.**

*Türkmen milli oýunlary*

# Gözdaňdy

Gözdaňdy oglan-gyzlaryň arasynda bilelikde geçirilýän türkmen milli oýunlarynyň biridir. Oýny islendik meýdançada, açyk meýdanda oýnap bolýar. Oýna gatnaşýan oglan-gyzlar ýany bilen ýaglyk, arassa kagyz we hek getirmeli bolýarlar. Ilki bilen, oýunçylaryň sanyna laýyklykda diametri 4-7 metr bolan tegelek çyzyk çyzmaly. Soňra bije atyşmak arkaly gözüni daňmaly oýunçyny (eşekçi) kesgitlemeli. «Bijeli oglan aglamaz» diýlişi ýaly, kim eşekçi saýlansa, gözüne kagyz goýup, soňra ýaglyk bilen daňmaly. Gözi daňlan oýunçyny tegelek meýdançanyň merkezine getirmeli. Beýleki oýunçylar bolsa tegelegiň daşynda halkalaýyn düzülmeli.



Oýun eminiň görkezmesi boýunça başlanýar. Oýunçylaryň ählisi tegelegiň içine girip, gözi daňlan oýunça elini degirýärler. Eşekçi oýunçylaryň haýsy hem bolsa, birini tutmaga synanyşmaly. Eger oýunçylaryň birini tutaýsa, onda ele düşen oýunçy eşekçiniň adyny tutup gygyrmaly. Eşekçi hem tutulan oýunçyny sesinden tanap adyny aýtmaly. Şondan soň eşekçi gözündäki ýaglygy aýryp, tutulana gezegi geçirýär. Eger-de eşekçi tutulan oýunçyny sesinden tanap bilmese, ony goýberip, ýene-de öňküsi ýaly meýdançanyň içinde oýny dowam edýär.

Oýnuň düzgünine görä, tegelegiň içinde kowalamak ýa-da tegelegiň içinden çykmak bolmaýar. Gözi arassa ýaglyk bilen daňmaly, şeýle hem her gezek eşekçi çalşanda her kim öz ýanynda getiren ýaglygyny gözüne daňmaly. Eşekçiniň jyklamazlygy üçin ýaglygyň aşagyndan elýaglyk ýa-da arassa ak kagyz hem goýup bolar. Oýnuň dowamynda gözi daňylgy oýunçyny urmak, depmek ýa-da gödek hereketler etmek gadagan edilýär. Şeýle ýagdaýda emin şol oýunça duýduryş berýär ýa-da oýundan çykarýar. Adatça gözdaňdy oýnunda emin agza uly ýaşly adamlardan saýlanýar. Bu oýny mekdepde mugallymyň gözegçiliginde hem ýerine ýetirip bolar.

Gözdaňdy oýny ösüp gelýän ýaş nesliň ýatkeşligini ösdürmekde, çeýeligini artdyrmakda we ünsüni jemlemekde uly ähmiýete eýedir. Dostlugy we jemgyýetçilik gatnaşygyny ösdürýän bu oýun gyzykly güýmenjeleriň biridir.

### 7 tapawudy tapyň!



### Şekilli sudoku

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



### Labirint



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Gyzykly pursat





Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# Çempion 1-nji orna gaýdyp geldi

**Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 8-nji tapgyryň çäginde geçirilen 4 duşuşykda 11 gol hasaba alyndy. 2 oýunda myhmanlar, 1 duşuşykda-da ýer eýeleri ýeňiş gazanyp, ýene bir oýun deňlikde tamamlandy.**

«Ahal» topary myhmançylykda «Nebitçiden» 1–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda 8 futbolçy sary kart alyp, oýunda ýeke-täk goly 63-nji minutda Gurbangeldi Batyrow ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden geçirdi.

Soňky 2 ýylyň çempiony «Arkadag» topary myhmançylykda «Köpetdag» toparyny 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Bu oýundan öň 2 klub 1-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda-da özara güýç synanyşypdy we şonda «Arkadag» topary 6–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy. Paýtagtymyzdaky «Köpetdag» stadionynda geçirilen duşuşykda «Arkadag» toparynyň gollaryny 52-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Begenç Akmämmedow, 65-nji minutda Didar Durdyýew hem-de 88-nji minutda Şanazar Tirkişow geçirdi. 1-nji ýarymda öňe saýlanan «Köpetdagyň» ýeke-täk goluny bolsa 40-njy minutda Batyr Aşyrow öz adyna ýazdyrdy.

«Aşgabat» bilen «Altyn Asyr» toparlarynyň arasyndaky duşuşyk 3–1 hasabynda tamamlanyp, bu oýunda ýer eýeleri ýeňşini baýram etdi. «Altyn Asyr» topary Selim Nurmyradowyň goly bilen öňe geçendigine garamazdan, olara üstünligini saklamak başartmady. «Aşgabat» toparynyň belli futbolçysy Pirmyrat Sultanow 23-nji minutda ilki hasaby deňläp, 63-nji minutda-da toparyny öňe çykardy. 90+3-nji minutda-da Mergen Nurlyýew tapawutlanyp, oýna soňky nokady goýdy.

Tapgyryň deňlikde gutaran ýeke-täk duşuşygy Maryda hasaba alyndy. «Merw» bilen «Şagadamyň» arasyndaky bu oýunda deňizýaka şäheriniň klubunyň futbolçylary ilkinji bolup hasaby açdy. 8-nji minutda Selim Ataýew «Şagadamy» öňe saýlady. Ýöne ýer eýeleri Maksat Çagbalyýewiň 90+7-nji minutdaky goly bilen ýeňlişden halas bolmagy başardy.

2-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Ahal» bilen duşuşdy. Duşuşykda ýer eýeleri 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Çempion toparyň gollaryny Ylhas Saparmämmedow, Didar Durdyýew hem-de Begenç Akmämmedow, myhmanlaryň ýeke-täk goluny bolsa Meýlis Diniýew geçirdi. Oýnuň 4-nji minutynda ýer eýelerinden Güýçmyrat Annagulyýew 11 metrlik jerime urgusyndan dürs peýdalanyp bilmedi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 6 | 6 | 0 | 0 | 24-3 | 18 |
| 2 | «AHAL» | 8 | 6 | 0 | 2 | 17-6 | 18 |
| 3 | «ALTYN ASYR» | 7 | 4 | 1 | 2 | 8-5 | 13 |
| 4 | «ŞAGADAM» | 8 | 3 | 3 | 2 | 11-11 | 12 |
| 5 | «AŞGABAT» | 7 | 3 | 1 | 3 | 11-12 | 10 |
| 6 | «NEBITÇI» | 9 | 2 | 3 | 4 | 5-6 | 9 |
| 7 | «MERW» | 9 | 1 | 3 | 5 | 4-16 | 6 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 8 | 0 | 1 | 7 | 5-26 | 1 |

Şunlukda, 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Arkadag» topary utugyny 18-e ýetirip, sanawda 1-nji orna beýgeldi.

Çempionatda 9-njy tapgyryň duşuşyklary şu gün hem-de ertir oýnalar.

# Ispaniýada «Toyota»-lylaryň üstünligi



Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 4-nji ýaryşy Ispaniýanyň Kanariýa adasyndaky Las Palmas şäherinde geçirildi. 301,30 kilometrlik ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi Kalle Rowanpera ýeňiji boldy. Ol ýaryşy 2 sagat 54 minut 39,8 sekuntda tamamlap, möwsümdäki ilkinji, karýerasy boýunça-da 15-nji ýeňşini gazandy. Ýaryşda ýeňijiden 53,5 sekunt soň pellehana gelen topardaşy, fransiýaly meşhur sürüji Sebastian Ožie 2-nji ýeri eýeledi. «Toyota Gazoo» toparynyň başga bir sürüjisi, britaniýaly Elfin Ewans ýeňijiden 1 minut 17,12 sekunt yza galdy we münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.

Geçirilen 4-nji ýaryşdan soňam Elfin Ewans sürüjileriň sanawynda 1-nji orunda barýar. Onuň 109 utugy bar. Las Palmasdaky ýeňişden soň utugyny 66-a ýetiren Rowanpera 2-nji orna beýgeldi. Geçen ýylyň çempiony belgiýaly Tierri Noýwill 59, fransiýaly Sebastian Ožie 58, estoniýaly Ott Tanak 57 utuk bilen öňdäki 5 orny eýeleýän beýleki sürüjilerdir.

Möwsümiň 5-nji ýaryşy 15–18-nji maý aralygynda Portugaliýanyň Matosinios şäherinde geçiriler.

# 45-nji LONDON MARAFONY

**Dünýäniň 6 uly marafon ýaryşynyň biri bolan London marafony 45-nji gezek geçirildi. Ol Tokiodyr Bostondan soň ýylyň 3-nji uly marafon ýaryşdyr.**

**Ýaryşda erkekleriň arasynda keniýaly Sebastian Sawe ýeňiji bolup, ol 42,195 kilometr aralygy 2 sagat 2 minut 27 sekuntda geçmegi başardy. Ýeňijiden 1 minut 10 sekunt yza galan ugandaly Jeýkob Kiplimo 2-nji, 1 minut 53 sekunt soň pellehana gelen watandaşy, geçen ýylyň ýeňijisi Aleksander Mutiso Munýao 3-nji orny eýeledi.**



**Zenanlaryň arasynda Efiopiýadan Tigst Assefa ýeňiş gazandy. Pariž Olimpiadasynyň wise-çempiony Assefa ýaryşy 2 sagat 15 minut 50 sekuntda tamamlady. Geçen ýyl Londonda 2-nji ýeri eýelän Assefa 2022-nji we 2023-nji ýyllarda Berlinde altyn medala mynasyp bolupdy. 2021-nji ýylda Londonda çempion bolan keniýaly Joýsilin Jepkosgei ýeňijiden 2 minut 56 sekunt yza galyp, 2-nji orny eýeledi. Niderlandlaryň meşhur türgeni Sifan Hassan 2 sagat 19 minutda marafon ylgawyny tamamlap, münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.**

# ÝEWROPADA ÇEMPIONLAR BELLI BOLÝAR








**«Liwerpulyň» 20-nji çempionlygy**

● Angliýanyň çempionaty «Premier League»-de çempion belli boldy. 34-nji tapgyryň çäginde «Liwerpul» öz meýdançasynda «Tottenhamdan» 5–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda 12-nji minutda Solankeniň goly bilen öňe saýlanan «Tottenham» toparynyň derwezesinden çempionlyk getiren pökgüleri Luiz Diaz (16), MakAllister (24), Gakpo (34), Salah (63) hem-de Udoji (69 ö.d.) geçirdi. Şeýlelikde, «Liwerpul» möwsümiň tamamlanmagyna 4 tapgyr galanda, 2-nji ýerdäki «Arsenaldan» 15 utuk öňe geçip, çempionlygyny baýram etdi. 19-njy çempionlygy üçin 30 ýyl garaşan «Liwerpul» topary 5 ýyllyk arakesmeden soň 20-nji gezek çempion boldy. Şunlukda, APL-de 2-nji gezek çempion bolan «Liwerpul» topary çempionlyk gazanmakda sanawyň başynda barýan «Mançester Ýunaýted» bilen deňleşdi. «Liwerpulyň» tälimçisi Arne Slot APL-de ilkinji möwsüminde çempionlyk gazanan 6-njy tälimçi boldy. Ondan öň Žoze Mourinio («Çelsi», 2004/05), Karlo Ançelotti («Çelsi», 2009/10), Manuel Pellegrini («Man. Siti», 2013/14), Klaudio Ranieri («Lester Siti», 2015/16) hem-de Antonio Konte («Çelsi», 2016/17) ilkinji möwsümlerinde APL-de çempionlyk gazanypdy.



Duşuşykda 1 gezek tapawutlanan Mohamed Salahyň APL-däki gollarynyň sany 185-e ýetdi we Serhio Agueronyň iň köp gol geçiren daşary ýurtly futbolçy rekordyny täzeledi.

**«Seltik» «Reýnjers» bilen deňleşdi**

● Şotlandiýanyň çempionatynda «Seltik» 55-nji çempionlygyny gazandy. 34-nji tapgyrda myhmançylykda «Dandi Ýunaýtedi» Streiniň (30 ö.d.), Künüň (38, 45+3) hem-de Adamyň (47, 58) gollary bilen 5–0 ýeňen «Seltik» möwsümiň tamamlanmagyna 4 tapgyr galanda, 2-nji ýerdäki «Reýnjersden» 17 utuk öňe geçdi. Bassyr 4-nji, soňky 14 ýylda 13-nji çempionlygyny gazanan «Seltik» 55-nji sapar Şotlandiýanyň çempiony bolmagy başardy. Şeýlelikde, «Seltik» bu ugurda köne bäsdeşi «Reýnjers» bilen deňleşdi. «Seltik» bilen «Reýnjers» toparlary Demirgazyk Irlandiýanyň «Linfild» toparyndan soň dünýäniň milli ligalarda iň köp çempionlyk gazanan 2–3-nji toparlarydyr.

«Seltik» toparynyň 33 ýaşyndaky şotlandiýaly ýarymgoragçysy Jeýms Forrest klubdaky 13-si çempionlyk, 26-njy kubogyny gazandy. 2009-njy ýyldan bäri bu toparda çykyş edip gelýän Forrest «Seltigiň» iň köp kubok gazanan futbolçysydyr.

«Seltik» nobatdaky tapgyrda «Reýnjers» bilen duşuşar.

**Yzly-yzyna 14-nji çempionlygyny gazanyp, Ýewropanyň rekordyna şärik boldy**

● Bolgariýanyň çempionatynda 31-nji tapgyrda çempionlyk toparçasynda «Çerno more Warna» toparyny Werdon hem-de Duahyň gollary bilen 2–0 ýeňen «Ludogores Razgrad» topary nobatdaky çempionlygyny yglan etdi. «Ludogores Razgrad» topary bassyr 14-nji çempionlygyny gazandy. «Ludogores» topary bu ugurda Ýewropanyň rekordyna şärik boldy. Latwiýanyň «Skonto» (1991–2004) hem-de Gibraltaryň «Linkoln Red Imps» (2003–2016) toparlary 14 ýeňiş bilen Ýewropada yzly-yzyna iň köp çempion bolan toparlardyr.

2011/12 möwsüminden bäri çempionlygy aldyrman gelýän razgradlylar Bolgariýada Sofiýanyň klublary SSKA (31) hem-de «Lewskiden» (26) soň 3-nji orunda barýar. SSKA soňky gezek 2007/08, «Lewski» 2008/09 möwsüminde çempion bolupdy.

**3 möwsümden soň**

● Çehiýanyň çempionatynda möwsümiň tamamlanmagyna 4 tapgyr galanda, çempion belli boldy. Myhmançylykda «Sigma» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçiren paýtagt Praganyň «Slawiýa» topary 3 möwsümlik arakesmeden soň çempionlygyny yglan etdi. Bu olaryň umumylykda 21-nji çempionlygydyr.

Çehiýada iň köp çempionlygy bolan topar Praganyň beýleki kluby «Spartadyr». «Sparta» toparynyň 35 çempionlygy bolup, olar soňky 2 möwsümde sanawy birinji orunda tamamlapdylar.

**Soňky 12 ýylda 11-nji gezek**

● Azerbaýjanyň çempionatynda» «Garabag» topary çempion boldy. 32-nji tapgyryň çäginde «Sabah» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnan «Garabag» möwsümiň tamamlanmagyna 4 tapgyr galanda, bassyr 4-nji, umumylykda-da 12-nji çempionlygyny gazandy. Bu olaryň soňky 12 ýyldaky 11-nji çempionlygy bolup, bakulylar 2020/21 möwsüminde çempionlygy «Neftçi» toparyna aldyrypdy. «Garabag» topary ilkinji çempionlygyny 1993-nji ýylda gazanypdy.




**HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY**

*2-nji maý (anna)*

Man. Siti – Wulwerhempton (00:00)

*3-nji maý (şenbe)*

A. Willa – Fulham (16:30)
Alawes – Atletiko (17:00)
Leipsig – Bawariýa (18:30)
Strasbur – PSŽ (20:00)
Leçço – Napoli (21:00)
Galatasaraý – Siwasspor (20:30)
Borussiýa D – Wolfsburg (21:30)
Arsenal – Brentford (21:30)
Krasnodar – Rubin (21:30)
Inter – Werona (23:45)
Walýadolid – Barselona (00:00)

*4-nji maý (ýekşenbe)*

Empoli – Lasio (15:30)
Fakel – Spartak (16:00)
Reýnjers – Seltik (16:00)
Real Madrid – Selta (17:00)
Monza – Atalanta (18:00)
Brentford – M. Ýunaýted (18:00)
West Ham – Tottenham (18:00)
Braýton – Nýukasl (18:00)
Lion – Lans (20:15)
Fraýburg – Baýer (20:30)
Çelsi – Liwerpul (20:30)
Roma – Fiorentina (21:00)
Fenerbahçe – Beşiktaş (21:00)
Zenit – Pari NN (21:30)
Lill – Marsel (23:45)
Bolonýa – Ýuwentus (23:45)
R. Sosiedad – Atletik (00:00)

*5-nji maý (duşenbe)*

Jenoa – Milan (23:45)
K. Palas – N. Forest (00:00)

# «Krasnodar» 4 utuk öňe saýlandy



**Russiýanyň çempionatynda soňky tapgyrda eminler 11 metrlik jerime urgularyny bellemekde ýaryşýan ýaly. Duşuşyklarda 8 gezek 11 metrlik jerime urgusy bellenilip, şolaryň 4-sini futbolçylar gola öwrüp bilmediler. Sanawyň lideri «Krasnodar» topary Mahaçkalada «Dinamo» bilen duşuşyp, çekeleşikli we dartgynly geçen duşuşykda myhmanlar 3-2 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Krasnodaryň» gollaryny Mozes, Batçi hem-de Spersýan, ýer eýeleriniň gollaryny-da Jawad bilen Zinowiç geçirdi. Oýnuň dowamynda 2 gezek 11 metrlik jerime urgusy bellenilip, olaryň 2-si hem takyk ýerine ýetirilmedi. «Krasnodardan» toparyň 3-nji goluny salan Spersýanyň 78-nji minutda ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusynda top derwezäniň ýokarsyndan geçdi. Oýnuň 90+8-nji minutynda ýer eýelerine hasaby deňlemek üçin uly mümkinçilik bolsa-da, Agalarowyň gowşak ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusyny derwezeçi saklady.**

**«Pari NN» bilen «Ahmat» toparlarynyň arasyndaky oýunda-da emin 3 gezek jerime meýdançasynyň içindäki ak nokady görkezdi. Şolaryň biri dürs bolup, şol urgy-da duşuşygyň ýeňijisini kesgitledi. Ýer eýelerinden Boselli 45+6-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, hasaby açdy. Duşuşygyň soňky minutlarynda-da «Ahmat» topary iň bolmanda, hasaby deňläp bilerdi. Ýöne ilki Gandri (90+13), soňra emin şol urgyny gaýtadan ýerine ýetirmeli edendede, Samorodow (90+16) ony dürs urup bilmedi.**

**2-nji ýerdäki «Zenit» topary Moskwanyň «Dinamosy» bilen 1-1 hasabynda deňme-deň oýnap, zerur bolan 2 utugy ýitirdi. Moskwa derbisinde-de «Spartak» öz meýdançasynda SSKA-dan 2–1 hasabynda asgyn geldi we çempionlyk ugrundaky göreşde az-owlak yza galdy.**

**«Rubinden» 2–1 hasabynda utulan «Fakel» topary 10 tapgyrdan soň ilkinji goluny geçirdi.**

**PREMIER LEAGUE (34) – 30 gol**

**Man. Siti—A. Willa: 2–1** (Bernardo Silwa 7, Nunieş 90+4 — Reşford 18 p), **Arsenal—K. Palas: 2–2** (Kiwýor 3, Trossar 42 — Eze 27, Mateta 83), **Çelsi—Ewerton: 1–0** (Jekson 27), **Braýton—West Ham: 3–2** (Aýýari 13, Mitoma 89, Baleba 90+3 — Kudus 49, Souçek 83), **Nýukasl—Ipswiç: 3–0** (Isak 45+4 p, Börn 56, Osula 80), **Southempton—Fulham: 1–2** (Stiwens 14 — Smit-Rou 72, Sessenion 90+2), **Wulwerhempton—Lester: 3–0** (Mateus Kunýa 33, Strand Larsen 56, Rodrigo Gomeş 85), **Bornmut—M. Ýunaýted: 1–1** (Semenio 23 – Heýlunn 90+6), **Liwerpul—Tottenham: 5–1** (Diaz 12, MakAllister 24, Gakpo 34, Salah 63, Udoji 69 ö.d. — Solanke 12), **N. Forest—Brentford**

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL (Ç) | 34 | 25 | 7 | 2 | 80-32 | 82 |
| 2 | ARSENAL | 34 | 18 | 13 | 3 | 63-29 | 67 |
| 3 | NÝUKASL | 34 | 19 | 5 | 10 | 65-44 | 62 |
| 4 | MAN. SITI | 34 | 18 | 7 | 9 | 66-43 | 61 |
| 5 | ÇELSI | 34 | 17 | 9 | 8 | 59-40 | 60 |
| 6 | N. FOREST | 33 | 18 | 6 | 9 | 53-39 | 60 |
| 7 | ASTON WILLA | 34 | 16 | 9 | 9 | 54-49 | 57 |
| 8 | FULHAM | 34 | 14 | 9 | 11 | 50-46 | 51 |
| 9 | BRAÝTON | 34 | 13 | 12 | 9 | 56-55 | 51 |
| 10 | BORNMUT | 34 | 13 | 11 | 10 | 53-41 | 50 |
| 11 | BRENTFORD | 33 | 13 | 7 | 13 | 56-50 | 46 |
| 12 | KRISTAL PALAS | 34 | 11 | 12 | 11 | 43-47 | 45 |
| 13 | W. HEMPTON | 34 | 12 | 5 | 17 | 51-61 | 41 |
| 14 | M. ÝUNAÝTED | 34 | 10 | 9 | 15 | 39-47 | 39 |
| 15 | EWERTON | 34 | 8 | 14 | 12 | 34-41 | 38 |
| 16 | TOTTENHAM | 34 | 11 | 4 | 19 | 62-56 | 37 |
| 17 | WEST HAM | 34 | 9 | 9 | 16 | 39-58 | 36 |
| 18 | IPSWIÇ TAWN | 34 | 4 | 9 | 21 | 33-74 | 21 |
| 19 | LESTER SITI | 34 | 4 | 6 | 24 | 27-76 | 18 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 34 | 2 | 5 | 27 | 25-80 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 28 |
| 2 | Aleksander ISAK (Nýukasl) | 22 |
| 3 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 21 |
| 4 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 19 |
| 5 | Brian MBEMO (Brentford) | 18 |

**SERIE A (34) – 19 gol**

**Komo—Jenoa: 1–0** (Strefessa 59), **Wenesiýa—Milan: 0–2** (Pulişiç 5, Himenes 90+6), **Fiorentina—Empoli: 2–1** (Adli 7, Mondragora 25 — Fazzini 57), **Inter—Roma: 0–1** (Sule 22), **Ýuwentus—Monza: 2–0** (Gonzales 11, Kolo Muani 33), **Atalanta—Leçče: 1–1** (Retegi 69 p — Karlsson 29 p), **Napoli—Torino: 2–0** (MakTomineý 7, 41), **Udineze—Bolonýa: 0–0, Werona—Kaliari: 0–2** (Pawoletti 30, Deýola 90+3), **Lasio—Parma: 2–2** (Pedro 79, 84 — Ondreýka 3, 46)

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 34 | 22 | 8 | 4 | 54-25 | 74 |
| 2 | INTER | 34 | 21 | 8 | 5 | 72-33 | 71 |
| 3 | ATALANTA | 34 | 19 | 8 | 7 | 67-31 | 65 |
| 4 | ÝUWENTUS | 34 | 16 | 14 | 4 | 51-31 | 62 |
| 5 | BOLONÝA | 34 | 16 | 13 | 5 | 52-37 | 61 |
| 6 | ROMA | 34 | 17 | 9 | 8 | 49-32 | 60 |
| 7 | LASIO | 34 | 17 | 9 | 8 | 57-45 | 60 |
| 8 | FIORENTINA | 34 | 17 | 8 | 9 | 53-34 | 59 |
| 9 | MILAN | 34 | 15 | 9 | 10 | 53-38 | 54 |
| 10 | TORINO | 34 | 10 | 13 | 11 | 38-39 | 43 |
| 11 | KOMO | 34 | 11 | 9 | 14 | 44-48 | 42 |
| 12 | UDINEZE | 34 | 11 | 8 | 15 | 36-48 | 41 |
| 13 | JENOA | 34 | 9 | 12 | 13 | 29-41 | 39 |
| 14 | KALIARI | 34 | 8 | 9 | 17 | 35-49 | 33 |
| 15 | WERONA | 34 | 9 | 5 | 20 | 30-62 | 32 |
| 16 | PARMA | 34 | 6 | 14 | 14 | 40-53 | 32 |
| 17 | LEÇÇE | 34 | 6 | 9 | 19 | 24-56 | 27 |
| 18 | WENESIÝA | 34 | 4 | 13 | 17 | 27-48 | 25 |
| 19 | EMPOLI | 34 | 4 | 13 | 17 | 27-54 | 25 |
| 20 | MONZA | 34 | 2 | 9 | 23 | 25-59 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 24 |
| 2 | Moýze KEN (Fiorentina) | 17 |
| 3 | Markus TURAM (Inter) | 14 |
| 4 | Ademola LUKMAN (Atalanta) | 13 |
| 5 | Lautara MARTINES (Inter) | 12 |

**BUNDESLIGA (31) – 24 gol**

**Ştutgart—Haýdenhaým: 0–1** (Gonsak 89), **Baýer—Augsburg: 2–0** (Şik 13, Buendia 45+1), **Bawariýa—Maýns: 3–0** (Sane 27, Olise 40, Daýer 84), **Hoffenhaým—Borussiýa D: 2–3** (Gložek 61, Kaderžabek 90+1 — Girassi 20, Brandt 74, Anton 90+5), **Wolfsburg—Fraýburg: 0–1** (Rozenfelder 49), **Holştaýn—Borussiýa M: 4–3** (Matino 15, 90+1, Bernhardsson 23, Gigowiç 76 — Çwançara 60, Plea 69, Onora 86), **Aýntraht—Leipsig: 4–0** (Knauff 21, 53, Ekitike 67, Koh 71), **Bohum—Union Berlin: 1–1** (Bero 68 — Holerbah 17), **Werder—Sankt-Pauli: 0–0**

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 31 | 23 | 6 | 2 | 90-29 | 75 |
| 2 | BAÝER | 31 | 19 | 10 | 2 | 66-35 | 67 |
| 3 | AÝNTRAHT | 31 | 16 | 7 | 8 | 62-42 | 55 |
| 4 | FRAÝBURG | 31 | 15 | 6 | 10 | 44-47 | 51 |
| 5 | LEIPSIG | 31 | 13 | 10 | 8 | 48-42 | 49 |
| 6 | BORUSSIÝA D | 31 | 14 | 6 | 11 | 60-49 | 48 |
| 7 | MAÝNS | 31 | 13 | 8 | 10 | 48-39 | 47 |
| 8 | WERDER | 31 | 13 | 7 | 11 | 48-54 | 46 |
| 9 | BORUSSIÝA M | 31 | 13 | 5 | 13 | 51-50 | 44 |
| 10 | AUGSBURG | 31 | 11 | 10 | 10 | 33-42 | 43 |
| 11 | ŞTUTGART | 31 | 11 | 8 | 12 | 56-51 | 41 |
| 12 | WOLFSBURG | 31 | 10 | 9 | 12 | 53-48 | 39 |
| 13 | UNION BERLIN | 31 | 9 | 9 | 13 | 31-45 | 36 |
| 14 | SANKT-PAULI | 31 | 8 | 7 | 16 | 26-36 | 31 |
| 15 | HOFFENHAÝM | 31 | 7 | 9 | 15 | 40-58 | 30 |
| 16 | HAÝDENHAÝM | 31 | 7 | 4 | 20 | 33-60 | 25 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 31 | 5 | 7 | 19 | 45-74 | 22 |
| 18 | BOHUM | 31 | 5 | 6 | 20 | 30-63 | 21 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 24 |
| 2 | Patrik ŞIK (Baýer) | 19 |
| 3 | Seru GIRASSI (Borussiýa D) | 18 |
| 4 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 15 |
| 5 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 15 |

**LIGUE 1 (31) – 26 gol**

**PSŽ—Nissa: 1–3** (Ruiz 41 — Sanson 34, 46, Ndaişimaý 70), **Strasbur—Sent-Etien: 3–1** (Moreýra 7, Emegha 63, Bakwa 83 — Dawitaşwili 19), **Le Hawr—Monako: 1–1** (Hassan 22 — Biret 61), **Lion—Renn: 4–1** (Fofana 8, Tolisso 25, Lakazett 39, Mikautadze 77 — Meýte 50), **Anže—Lill: 0–2** (Aleksandro 45+1, Haraldsson 50), **Nant—Tuluza: 0–0, Monpelie—Reýms: 0-0, Lans—Oser: 0–4** (Onaiwu 33, 44, Perren 40, Huwer 73), **Marsel—Brest: 4–1** (Guiri 8, 45, 63, Grinwud 37 — Sima 25)

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ (Ç) | 31 | 24 | 6 | 1 | 84-31 | 78 |
| 2 | MARSEL | 31 | 18 | 4 | 9 | 66-43 | 58 |
| 3 | LILL | 31 | 16 | 8 | 7 | 49-32 | 56 |
| 4 | MONAKO | 31 | 16 | 7 | 8 | 58-36 | 55 |
| 5 | LION | 31 | 16 | 6 | 9 | 62-42 | 54 |
| 6 | NISSA | 31 | 15 | 9 | 7 | 59-39 | 54 |
| 7 | STRASBUR | 31 | 15 | 9 | 7 | 51-38 | 54 |
| 8 | LANS | 31 | 13 | 6 | 12 | 35-37 | 45 |
| 9 | BREST | 31 | 13 | 5 | 13 | 49-53 | 44 |
| 10 | OSER | 31 | 11 | 8 | 12 | 45-45 | 41 |
| 11 | RENN | 31 | 12 | 2 | 17 | 46-44 | 38 |
| 12 | TULUZA | 31 | 9 | 8 | 14 | 38-39 | 35 |
| 13 | REÝMS | 31 | 8 | 9 | 14 | 32-42 | 33 |
| 14 | NANT | 31 | 7 | 11 | 13 | 35-50 | 32 |
| 15 | ANŽE | 31 | 8 | 6 | 17 | 29-50 | 30 |
| 16 | LE HAWR | 31 | 8 | 4 | 19 | 34-65 | 28 |
| 17 | SENT-ETIEN | 31 | 7 | 6 | 18 | 34-71 | 27 |
| 18 | MONPELIE | 31 | 4 | 4 | 23 | 22-71 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 21 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 19 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 16 |
| 4 | Emanuel EMEGHA (Strasbur) | 14 |
| 5 | Arno KALIMUENDO (Renn) | 14 |

**PREMÝER LIGA (26) – 22 gol**

**Dinamo-Mahaçkala—Krasnodar: 2–3** (Jawad 25, Zinowiç 86 — Mozes 6, Batçi 45, Spersýan 65), **Pari NN—Ahmat: 1–0** (Boselli 45+6 p), **Dinamo—Zenit: 1–1** (Gladyşew 41 — Pedro 18), **Rostow—Lokomotiw: 1–1** (Şetinin 23 — Batrakow 75 p), **Spartak—SSKA: 1–2** (Barko 87 p — Guarirapa 44, Bistrowiç 89), **Krylýa Sowetow—Orenburg: 2–0** (Sergeýew 83 p, Sypçenko 87), **Himki—Akron: 2–2** (Sawiçew 24 ö.d., Wera 29 p — Dzýuba 12, Eskowal 67), **Rubin—Fakel: 2–1** (Bezrukow 56, 89 — Ilin 22)

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KRASNODAR | 26 | 17 | 7 | 2 | 52-20 | 58 |
| 2 | ZENIT | 26 | 16 | 6 | 4 | 51-17 | 54 |
| 3 | SSKA | 26 | 15 | 6 | 5 | 41-18 | 51 |
| 4 | SPARTAK | 26 | 15 | 5 | 6 | 49-23 | 50 |
| 5 | DINAMO | 26 | 13 | 8 | 5 | 54-30 | 47 |
| 6 | LOKOMOTIW | 26 | 13 | 6 | 7 | 43-37 | 45 |
| 7 | RUBIN | 26 | 11 | 6 | 9 | 34-38 | 39 |
| 8 | ROSTOW | 26 | 10 | 7 | 9 | 39-39 | 37 |
| 9 | K. SOWETOW | 26 | 8 | 6 | 12 | 32-40 | 30 |
| 10 | AKRON | 26 | 8 | 5 | 13 | 33-47 | 29 |
| 11 | D. MAHAÇKALA | 26 | 6 | 9 | 11 | 25-31 | 27 |
| 12 | HIMKI | 26 | 5 | 9 | 12 | 30-47 | 24 |
| 13 | PARI NN | 26 | 6 | 5 | 15 | 20-47 | 23 |
| 14 | AHMAT | 26 | 4 | 11 | 11 | 23-40 | 23 |
| 15 | ORENBURG | 26 | 4 | 5 | 17 | 23-48 | 17 |
| 16 | FAKEL | 26 | 2 | 9 | 15 | 12--39 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Manfred UGALDE (Spartak) | 16 |
| 2 | Alekseý BATRAKOW (Lokomotiw) | 13 |
| 3 | Esekiel BARKO (Spartak) | 12 |
| 4 | Mirlind DAKU (Rubin) | 11 |
| 5 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 10 |

# «Bawariýa» çempionlygyň bosagasynda

**Germaniýanyň çempionatynda** «Bawariýanyň» çempionlygyna bir ädim galdy. Münhenliler 31-nji tapgyrda «Maýnsy» Sane, Olise hem-de Daýeriň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. «Bawariýa» indiki tapgyrda «Leipsigi» ýeňse, onda olar çempionlygyny yglan eder. «Bawariýanyň» düzüminde meýdança çykan Tomas Müller klubdaky 500-nji oýnuny oýnady. Häzirki çempion «Baýer» öz meýdançasynda «Augsburgdan» Patrik Şik hem-de Buendianyň gollary esasynda 2–0 hasabynda üstün çykdy. Öňdäki orunlara ymtylýan Dortmundyň «Borussiýasy» myhmançylykda «Hoffenhaýmy» ýer eýeleriniň 90+1-nji minutda hasaby deňländigine garamazdan, Antonyň 90+5-nji minutdaky goly esasynda ýeňmegi başardy (3–2).



**Italiýanyň çempionatynda** «Inter» öz meýdançasynda şu ýyla geçip ýeňilmän gelýän «Romadan» 1–0 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 22-nji minutda Sule geçirdi. «Serie A»-da yzly-yzyna 2-nji, umumylykda 3-nji duşuşygynda utulan «Inter» 8 oýundan soň öz meýdançasynda ýeňlişe sezewar boldy. Torinony MakTomineýiň 7-nji we 41-nji minutlarda geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Napoli» topary «Interden» 3 utuk öňe saýlandy. MakTomineý soňky 3 duşuşykda 5 gol geçirdi. Kenan Ýyldyzyň gyzyl kart alan oýnunda «Ýuwentus» «Monzany» 2–0, «Milan» hem myhmançylykda «Wenesiýany» şol hasap bilen ýeňdi. Öz meýdançasynda «Leçče» bilen 1–1 deňme-deň oýnan «Atalantanyň» çempion bolmak mümkinçiligi juda azaldy. Öz meýdançasynda «Parmany» kabul eden «Lasio» garşydaşynyň Ondreýkanyň gollary esasynda 2–0 öňe geçendigine garamazdan, weteran ýyldyzy Pedronyň 5 minutda salan 2 goly bilen ýeňlişden halas boldy.



**Parižliler hem ýeňilýär**

**Fransiýanyň çempionatynda** çempionlygyny bireýýäm yglan eden PSŽ 31-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Nissa» toparyndan 3–1 hasabynda asgyn gelip, möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň gollaryny Sanson (34, 47) bilen Ndaýişimiýe (70) geçirse, ýer eýelerinden Fabian Ruiz (41) tapawutlandy. Şunlukda, PSŽ 3–1 hasabynda utulyp, şu möwsümde 30, umumylykda-da çempionatda 32 oýundan soň ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. PSŽ çempionatda soňky sapar geçen ýylyň 12-nji maýynda utulypdy. PSŽ topary Ýewropanyň TOP 5 çempionatynda ýeňilmän galan ýeke-täk topardy. Fransiýanyň çempionatynda öňdäki 4 orna düşmek üçin 6 toparyň arasynda ýiti göreş dowam edýär.



Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Ýatdan çykmajak ýarym final duşuşygy

**UEFA Çempionlar Ligasynda ýarym final duşuşyklaryna badalga berlip, Londonda «Arsenal» Fransiýanyň çempiony «Pari Sen-Žermen» toparyny kabul etdi. «Barselona» bolsa öz meýdançasynda «Inter» bilen duşuşdy. Ispaniýadaky duşuşyk ýatdan çykmajak oýunlaryň birine öwrüldi.**

### PSŽ taryhynda «Arsenaly» ilkinji gezek ýeňdi

● Çekeleşikli geçen oýnuň eýýäm 4-nji minutynda myhmanlar hasaby açdy. Hwiça Kwaresheliýanyň pasyndan soň, möwsümiň ýyldyzy Usman Dembele topy derweze girizdi. Bu onuň 2025-nji ýyla geçip, klubdaky 25-nji goly hökmünde hasaba alyndy. Duşuşygyň 1-nji ýarymynyň soňky 10 minutynda londonlylar hüjüm baryny etselerem, olara hasaby deňlemek başartmady.

2-nji ýarymyň başynda, 47-nji minutda «Arsenalyň» ispan oýunçysy Mikel Merino hasaby deňledi. Ýöne VAR-yň seljermesinden soň, gol ofsaýd bolany üçin hasaba alynmady. 56-njy minutda Trossaryň gol bolaýmaly urgusynda derwezeçi Donnarumma öz erjelligini görkezdi. Ol umumylykda duşuşykda 5 seýw bilen toparynyň ýeňiş gazanmagynda uly rol oýnady. Oýnuň 85-nji minutynda PSŽ topary 2-nji goly-da geçirip bilerdi. Ýöne Gonsalu Ramuşyň urgusy derwezäniň ýokarky sütünine degdi.







Şunlukda, PSŽ Londondan 1–0 hasabynda ýeňiş bilen dolanyp, finala çykmak ugrunda ilkinji ädimi ätdi. PSŽ topary «Arsenalyň» 12 oýunlyk ýeňlişsiz seriýasyny tamamlady. Şeýle-de, parižliler topçulardan özara oýunlarda ilkinji gezek üstün çykmagy başardy. Mundan öňki 5 duşuşykda «Arsenal» ýeke gezek hem ýeňilmändi.

Iki topar şu möwsümde ýaryşyň liga tapgyrynda duşuşypdy we «Arsenal» Hawerts we Sakanyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňipdi. Iki topar bu ýaryşyň çäginde 2016/17 möwsüminde toparçada duşuşypdy we şonda 2 oýun hem deňlikde tamamlanypdy (Londonda 2–2, Parižde 1–1). «Arsenal» bilen PSŽ ilkinji gezek 1993/94 möwsüminde şol wagtky UEFA Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynyň ýarym finalynda gabatlaşypdylar. Pariždäki oýunda ýeňiş gazanan bolman (1–1), Londonda «Arsenal» Kampbelliň ýeke-täk goly bilen ýeňipdi we finala çykypdy. Finalda-da «Parmany» ýeňen «Arsenal» UEFA-nyň ýaryşlaryndaky häzirlikçe ýeke-täk uly kubogyny gazanypdy.

Jogap duşuşygy 7-nji maýda Parižde oýnalar.

### 6 gol bar, ýeňiş gazanan ýok

● UEFA Çempionlar Ligasynda 2-nji ýarym finalyň 1-nji duşuşygynda «Barselona» bilen «Inter» duşuşdy. Soňky ýyllaryň iň çekeleşikli we ýatdan çykmajak duşuşyklarynyň biri bolan oýun deňlikde tamamlandy.

Duşuşygyň eýýäm 30-njy sekundynda Denzel Dumfrisiň asist etmeginde Markus Turam pökgini topugy bilen derweze girizip, hasaby açdy. Garşylyklaýyn hüjümler bilen oýnan «Inter» 21-nji minutda hasaby 2-ä çykardy. Bu gezek burçdan ýerine ýetirilen urguda 1-nji goluň 50 göteriminiň eýesi Dumfrisiň özi akrobatik urgy bilen topy derweze girizdi. Ýöne ruhdan düşmedik «Barselona» topary öz oýnuny görkezmegi başardy. Duşuşygyň 24-nji minutynda ýaş ýyldyz oýunçy Lamin Ýamal jerime meýdançanyň içine girip, topy aýlap derweze tarap urdy. Top sütüne degip, tora girdi we aratapawut 1 gola düşdi. Şondan soňam Ýamal özüniň erjel oýnuny görkezdi. Onuň gapdaldan, ýakyn aralykdan uran urgusy sütünden gaýtdy. Duşuşygyň 38-nji minutynda Pedriniň beren pasynda topy Rafinýa topardaşy Ferran Torrese geçirdi. Ol hem ony derweze gönükdirip, hasaby deňledi.

Duşuşygyň 2-nji ýarymynda-da oýnuň depgini birjigem gowşamady. 64-nji minutda ýene-de burçdan ýerine ýetirilen urguda sag gyraky goragçy Dumfris tapawutlandy. Ol bu gezek kelle urgusy bilen topy derweze girizip, duşuşykdaky 2-nji goluny geçirdi. Bu goldan bary-ýogy 1 minut soň Rafinýanyň uzakdan uran batly urgusynda top ýokarky sütünden yzyna gaýdyp, soň derwezeçi Ýan Sommere degdi we tora girdi. Netijede, Sommeriň awtogoly bilen hasap deňlendi. Duşuşyk 3–3 hasabynda deňlikde tamamlanypdy.





Jogap duşuşygy 6-njy maýda Milanda oýnalar.

Bu duşuşyk birnäçe statistikadyr rekordlaryň täzelenen oýny boldy.

* Bu duşuşyk soňky 26 ýyldaky iň köp golly deňlikde tamamlanan ýarym final duşuşygy hökmünde hasaba alyndy. 1999-njy ýylda «Dinamo Kiýew» – «Bawariýa» duşuşygy 3-3 hasabynda deňlikde tamamlandy.

* Duşuşygyň 30-njy sekundynda hasaby açan Markus Turam UÇL-de ýarym finalyň iň çalt goluny geçirdi.

* «Barselonanyň» 1-nji goluny geçiren Lamin Ýamal UÇL-de ýarym finalda tapawutlanan iň ýaş futbolçy rekordynyň eýesi boldy. Bu ugurda ozalky rekord Kilian Mbappe degişlidi.

* «Barselonanyň» 2-nji golunda asist eden Rafinýanyň şu möwsümde UÇL-däki asistleriniň sany 8-e ýetdi. Onuň 12 goly hem bolup, ol 20 gola gönümel goşant goşdy. Ol bu ugurda Kristiano Ronaldonyň rekordyny gaýtalady (2013/14).

* «Interiň» 3 goluna-da gönümel goşant goşan, has takygy, 2 gol salyp, 1 asist eden Dumfris UÇL-de ýarym finalda Wesli Sneýderden soň hem gol geçirip, hem asist eden ilkinji niderland futbolçysy boldy.

* «Interiň» tälimçisi Simone Inzagi UÇL-däki 50-nji duşuşygyny geçirip, ol bu görkezijä ýeten 7-nji italiýaly tälimçi diýlip bellige alyndy.



# Täze çempion ýüze çykar

AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda finala çykan toparlar belli boldy. Saud Arabystanynyň Jidda şäherinde geçirilen çärýekdir ýarym final oýunlaryndan soň, «Al-Ahli» bilen «Kawasaki Frontal» toparlary finala çykmagy başardy.

Çärýek finalda «Al Hilal» (Saud Arabystany) topary «Gwanžu» (Koreýa Respublikasy) toparyny 7-0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykdaky gollaryň 7-sini hem başga-başga futbolçylar geçirdi (Milinkowiç-Sawiç 6, Leonardo 25, S. Al-Dawsari 33, Mitrowiç 55, Malkom 79, N. Al-Dawsari 84, Al-Hamdan 86). «Al-Ahli» (Saud Arabystany) topary Tailandyň «Buriram Ýunaýted» toparyny 3-0 (Mahrez 4, Galeno 6, Firmino 30), «Al Nassr» topary-da (Saud Arabystany) Ýaponiýanyň «Ýokohama F. Marinos» toparyny 4-1 (Duran 27, 49, Mane 31, Ronaldo 38 – Watanabe 53) hasaplar bilen ýeňdi. Ýaponiýanyň «Kawasaki Frontal» topary bolsa Kataryň «Al Sadd» toparyny goşmaça wagtda 3-2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi (Erison 4, Marçinio 21, Wakizaka 98 – Otawio 9, Klaudinio 71).



Ýarym finalda Saud Arabystanynyň 2 klubunyň özara duşuşygynda «Al-Ahli» topary «Al Hilaly» 3-1 hasabynda utdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýeňiş gazanan topary gollaryny Firmino (9), Touni (27) hem-de Al-Buraikan (90+8), paýtagt Er-Riýadyň wekiliniň ýeke-täk topuny bolsa S. Al-Dawsari (42) geçirdi.

Ýarym finalyň 2-nji duşuşygy diýseň çekeleşikli geçip, «Kawasaki Frontal» finalda 2 arap klubunyň çykyş etmegine ygtyýar bermedi. Ýapon kluby Ronaldonyň hem çykyş edýän «Al Nassr» toparyny 3-2 hasabynda ýeňip, finala adyny ýazdyrdy. 3 gezek öňe saýlanan «Kawasaki Frontal» toparynyň gollaryny Ito (10), Ozeki (41) hem-de Ienaga (76) geçirse, arap klubunyň adyndan tapawutlanan Mane (28) bilen Ýahýanyň (87) gollary olara ýeňiş üçin ýeterlik bolmady.



«Al-Ahli» topary 1986-njy we 2012-nji ýyllardan soň 3-nji gezek finala çykdy. Olaryň häzirlikçe çempionlygy bolman, ilkinji kubogy ugrunda göreşer. Ýapon kluby «Kawasaki Frontal» topary bu ýaryşda ençeme sapar çykyş eden hem bolsa, olara şu wagta çenli finala gelmek başartmandy. Başgaça aýdylanda, haýsy topar ýeňiş gazansa-da, AFK-nyň iň uly klub ýaryşynda täze çempion ýüze çykar.

«Al-Ahli» bilen «Kawasaki Frontal» toparlarynyň arasyndaky final duşuşygy 3-nji maýda oýnalar. Jidda şäherindäki «King Abdullah Sports City» stadionynda oýnaljak final duşuşygy 21:30-da başlanar.



**Çärýek finalyň duşuşyklary:** Al Hilal – Gwangžu: 7-0, Al-Ahli – Buriram Ýunaýted: 3-0, Ýokohama F. Marinos – Al Nassr: 1-4, Kawasaki Frontal – Al Sadd: 3-2 (g.w.); **Ýarym finalyň duşuşyklary:** Al Hilal – Al Ahli: 1-3, Al Nassr – Kawasaki Frontal: 3-2



# Ýaşlaryň arasynda «Barselona» çempionlyk gazandy

**Ispaniýanyň «Barselona» topary UEFA Ýaşlar Ligasynyň şu möwsüminde çempion boldy. «Barselona» topary finalda Türkiýäniň «Trabzonspor» klubundan 4–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ýaş katalonlaryň adyndan Diarra (11, 68), Kuenka (18) hem-de Alba (57) tapawutlandy. Çempionlar ýodasy esasynda ýaryşa goşulan türk klubunyň ýeke-täk pökgüsini 88-nji minutda Tibukoglu (88) geçirdi.**

**Şeýlelikde, «Barselonanyň» ýaşlar topary bu kubogy 2014-nji we 2018-nji ýyllardan soň 3-nji gezek eýelemegi başardy. «Barselona» bu kubogy iň köp eýelän klub boldy.**

**Mälim bolşy ýaly, bu ýaryşda UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşýan klublaryň U19 düzümi (19 ýaşa çenli futbolçylar) çykyş edýär. Ilkinji gezek 2014/15 möwsüminde geçirilen ýaryşda «Barselonadan» soň iň köp «Çelsi» kluby çempionlyk gazandy. 2 gezek finalda utulan londonlylar 2 saparam ýeňiji boldy. 3 sapar finalda asgyn gelen «Benfika», «Red Bull Salsburg», «Porto», «Real Madrid», AZ hem-de «Olimpiakos» klublary-da 1 gezek kubogy eýelediler.**

**Ýaryşyň final duşuşygy UEFA-nyň merkezi edara binasynyň ýerleşýän ýeri bolan Şweýsariýanyň Nion şäherindäki «Colovray» stadionynda oýnalýar.**





# Soňky 7 ýylda 6-njy gezek finala çykdy

UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynyň finalyna «Barselona» bilen «Arsenal» klublary çykdy. Ýarym finalyň jogap oýunlarynyň 2-si hem 4–1 hasabynda tamamlandy. Öz meýdançasynda «Çelsini» 4–1 ýeňen «Barselona» topary jogap duşuşygynda-da şol ýarym finalyň jogap oýnunda-da şol hasap bilen ýeňiş gazandy. Londondaky duşuşygyň gollaryny katalonlardan Bonmati (25), Paýol (41), Pina (43) hem-de Paralýuello (90) geçirdi. Şeýlelikde, «Barselona» zenanlar topary bassyr 5-nji, soňky 7 ýylda 6-njy gezek finala çykdy. «Barselona» zenanlar topary bu ýaryşda 3 gezek çempionlyk gazandy.

Soňky 2 möwsümiň çempiony «Barselonanyň» finaldaky garşydaşy «Arsenal» boldy. Öz meýdançasynda geçen möwsümiň finalçysy «Liondan» 2–1 utulan «Arsenal» Fransiýada 4–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Uly hasaply ýeňiş gazanan «Arsenalyň» gollaryny Endler (5 ö.d.), Kaldenti (45+1), Russo (46) hem-de Foord (63) derweze girizdi. «Arsenal» topary 2007-nji ýyldan soň 2-nji gezek finala çykmagy başardy. «Arsenal» şol ýyl finalda Şwesiýanyň Umea toparyndan 2 oýnuň netijesi boýunça 1–0 hasabynda üstün çykypdy.

«Barselona» bilen «Arsenalyň» arasyndaky final duşuşygy 24-nji maýda Portugaliýanyň paýtagty Lissabonda geçiriler oýnalar.





# «Wembley»-de «Kristal Palas» bilen «Mançester Siti» duşuşar

Angliýanyň FA Kubogynda ýarym final duşuşyklary geçirilip, finala çykan toparlar belli boldy. Londondaky «Wembley» stadionynda oýnalan ýarym final oýunlarynda «Kristal Palas» topary «Aston Willadan» 3–0 hasabynda üstün çykdy. 82 müň 301 janköýeriň tomaşa eden oýnunda londonlylara ýeňiş getiren gollary Ebereçe Eze (31) bilen Ismaila Sarr (58, 90+4) geçirdi. «Kristal Palas» topary taryhynda 2-nji gezek FA Kubogynyň finalyna çykdy. «Kristal Palas» topary 2016-njy ýylda finalda «Mançester Ýunaýtedden» 2–1 hasabynda ýeňlipdi.

«Kristal Palas» topary finalda bu gezek Mançester şäheriniň beýleki kluby «Mançester Siti» bilen duşuşar. «Mançester Siti» ýarym finalda «Nottingam Foresti» 2–0 hasabynda utdy. Duşuşykda şäherlileriň gollaryny 2-nji minutda Riko Lewis bilen 51-nji minutda Ýoşko Gwardiol geçirdi. Şeýlelikde, «Mançester Siti» topary 14-nji gezek FA Kubogynda finala çykdy. Soňky 2 ýyl finalda oýnan «Mançester Siti» 2023-nji ýylda ýeňiji bolup, geçen möwsüm kubogy «Mançester Ýunaýtede» aldyrypdy.

«Kristal Palas» bilen «Mançester Sitiniň» arasyndaky final duşuşygy 17-nji maýda «Wembley»-de oýnalyp, duşuşyk Aşgabat wagty bilen 21:30-da başlanar.

# «Realy» goşmaça wagtda ýeňen «Barselona» Şa Kubogynyň eýesi

Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynyň finalynda, «Barselona» köne bäsdeşi «Real Madridi» goşmaça wagtda ýeňlişe sezewar etdi. Soňky ýyllaryň iň çekeleşikli geçen «El Klasikosynda» ilkinji bolup hasaby katalonlar açdy. 123-nji gezek geçirilýän ýaryşyň finalynyň 28-nji minutynda Ýamalyň ajaýyp pasyndan soň topy Pedri owadan urgy bilen derweze girizdi. Bu gola madridlilere 1-nji ýarymda jogap bermek başartmady. 2-nji ýarymda Mbappeniň, Arda Güleriň oýna girmeginden soň özüni dürsän «Real Madrid» 70-nji minutda hasaby deňledi. Hasaby deňlän goly jerime urgusyndan Kilian Mbappe geçirdi. Bu goldan 7 minut soň Arda Güleriň burçdan ýerine ýetiren urgusynda topy kellesi bilen uran Tçuameni «Realy» öňe saýlady. Ýöne duşuşygyň tamamlanmagyna 6 minut galanda, ýagny 84-nji minutda derwezeçini hem aldan Ferran Torres topy boş derweze gönükdirip, hasaby deňledi. Şunlukda, goşmaça 30 minut berlip, onuň 1-nji ýarymynda hasap üýtgemedi. Duşuşygyň 116-njy minutynda bolsa Luka Modriçiň Braim Diaza beren pasy gyltyz bolup, top Kundeniň öňüne düşdi. Olam topy ýerden takyk urgy bilen derweze girizdi. Galan minutlarda «Reala» hasaby deňlemek başartmady. Duşuşygyň ahyrynda eminiň üstüne bir zatlar zyňan Antonio Rüdiger, şeýle-de, gödeksi ýagdaýda öz nägileliklerini bildiren Jud Bellingam, Lukas Wazkes gyzyl kart aldy. Şikesi sebäpli möwsümiň galan duşuşyklaryny goýberjek Rüdigeriň 6 oýunlyk jerime alandygy habar berildi. Duşuşygyň iň ökde oýunçysy diýlip Ferran Torres saýlandy.




Şunlukda, 3–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Barselona» 4 ýyllyk arakesmeden soň 32-nji gezek Ispaniýanyň Şa Kubogyny eýeledi. «Barselona» topary bu ugurda iň öňde bolup, olar finalda 11 gezek ýeňildiler.

«Atletik Bilbaodan» (24) soň kubogy eýelemekde 3-nji orunda barýan «Real Madrid» 21-nji gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy. «Real Madrid» kubogy 20 gezek eýeläpdi.

«Barselonanyň» tälimçisi Hansi Flik karýerasy boýunça 7-nji finalynda-da ýeňiş gazanmagy başardy. Ol şolaryň 5-sini «Bawariýada» başarypdy.

Şeýle-de, bu ýeňişden soň «Barselonanyň» möwsümi 3 kubok bilen tamamlamak mümkinçiligi dowam edip, katalonlar mundan öň 2 gezek 2008/09 we 2014/15 möwsümlerinde «treble» derejäni gazanypdylar.

